**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**
**– HÄZIRKI WAGTDA TÜRKMENISTAN DÜNÝÄ DÖWLETLERI BILEN ÖZARA BÄHBITLI HYZMATDAŞLYGY YZYGIDERLI ÖSDÜRÝÄR. ÝER ÝÜZÜNDE PARAHATÇYLYGY, DOST-DOGANLYGY HAS-DA PUGTALANDYRMAK UGRUNDA GIŇ GERIMLI IŞLER AMALA AŞYRYLÝAR.**


ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
25-nji noýabr, 2022. Belgisi 47/1509




21-22-nji noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Arap Emirliklerinde resmi saparda boldy.

# KÖPUGURLY HYZMATDAŞLYK ÝOKARY DEREJÄ ÇYKARYLÝAR

21-nji noýabrda dostlukly ýurduň paýtagtynda ýokary derejedäki türkmen-emirlikler gepleşikleri geçirildi. Onuň barşynda iki döwletiň we olaryň doganlyk halklarynyň däp bolan dostlukly gatnaşyklara ygrarlydygy hem-de taraplaryň özara bähbitlilik, deňhukuklylyk esasynda köpugurly hyzmatdaşlygy giňeltmäge taýýardygy tassyklanyldy. Bar bolan ägirt uly kuwwaty we özara bähbitleri nazara almak bilen, ýokary derejedäki duşuşygyň netijeleri boýunça gol çekilen resminamalaryň uly toplumy ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge täze itergi berer. Bu resminamalar döwletara gatnaşyklaryň kadalaşdyryjy hukuk binýadynyň üstüni ýetirdi.

### BILELIKDÄKI BEÝANNAMA KABUL EDILDI

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň we BAE-niň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýanyň gatnaşmagynda ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy.

Resminamalaryň hatarynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň Daşary işler we halkara gatnaşyklar ministrliginiň arasynda 2023-2024-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň Maksatnamasy; Türkmenistanyň Hökümeti bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň Hökümetiniň arasynda gümrük işlerinde hyzmatdaşlyk we özara ýardam bermek hakynda Ylalaşyk; Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň Howanyň üýtgemegi we daşky gurşawy goramak ministrliginiň arasynda oba hojalyk we azyk howpsuzlygy barada hyzmatdaşlyk etmek boýunça özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Kiberhowpsuzlyk babatda hyzmatdaşlyk etmek barada Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň ýanyndaky Kiberhowpsuzlyk gullugy bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň Kiberhowpsuzlyk geňeşiniň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty bilen Anwar Gargaş adyndaky Diplomatik akademiýanyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Bilim ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek barada Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň Bilim ministrliginiň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagy we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegi bilen bagly maliýe maglumatlary alyşmak babatda hyzmatdaşlyk etmek barada Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Maliýe gözegçilik gullugy bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň Maliýe aňtawçylygy edarasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň Maliýe ministrliginiň arasynda fiskal we tehniki meseleler boýunça özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Hökümeti bilen Abu-Dabiniň ösüş gaznasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama bar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň BAE resmi saparynyň jemleri boýunça Türkmenistan bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň Bilelikdäki Beýannamasy kabul edildi.

### ÝOKARY DEREJEDÄKI DUŞUŞYKLAR

Şeýle hem şol gün hormatly Prezidentimiz Birleşen Arap Emirlikleriniň wise-prezidenti, Premýer-ministri, goranmak ministri, Dubaý emirliginiň häkimi Şeýh Mohammed bin Raşid Al Maktum hem-de BAE-niň Premýer-ministriniň orunbasary, Prezidentiň iş dolandyryş ministri Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýan bilen ikitaraplaýyn duşuşyklary geçirdi. Duşuşyklarda esasy ugurlaryň ählisi boýunça özara hyzmatdaşlygyň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

### «TÜRKMENISTAN – BAE» IŞEWÜRLIK MASLAHATY

22-nji noýabrda Birleşen Arap Emirliklerine resmi saparynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Türkmenistan – BAE» işewürlik maslahatyna gatnaşdy.

Kaşaň «St.Regis Abu Dhabi» myhmanhananyň eýwanynda Türkmenistanda öndürilen dürli görnüşli önümleriň sergisi guraldy.

Maslahata Birleşen Arap Emirlikleriniň öňdebaryjy kompaniýalarynyň köp sanly wekilleri, ýurdumyzyň Hökümet wekiliýeti we işewür toparlary gatnaşdylar.

Hormatly Prezidentimiz işewürlik maslahatynyň açylyş dabarasynda eden çykyşynda 2012-nji ýylda döredilen Türkmenistanyň we Birleşen Arap Emirlikleriniň arasynda Hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki komitetiň, şeýle-de Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy bilen BAE-niň Söwda-senagat edaralarynyň federasiýasynyň arasyndaky işewürlik geňeşiniň hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň oňyn görnüşleri bolup durýandygyny nygtady.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesine BAE-niň telekeçiler bileleşigi bilen gatnaşyklary işjeňleşdirmek, göni gatnaşyklary ýola goýmak üçin işewürlik binýatlaryny döretmek üçin aýratyn umyt baglaýandygyny nygtap, türkmen hususy telekeçileriniň BAE-däki kärdeşleri bilen uzak möhletleýin gatnaşyklaryny düýpli we hil taýdan giňeltmäge, ýola goýmaga, olaryň üstünlikli tejribesini ulanmaga, häzirki zaman iş dolandyryş usullaryny we çözgütlerini ornaşdyrmaga taýýardygyny aýtdy.

Şeýle-de, biziň ýurdumyz islendik netijeli pikirler we teklipler, jogapkärli, ygtybarly hyzmatdaşlyk üçin hemişe açykdyr. Men bu duşuşyga BAE-niň işewür toparlarynyň Türkmenistan bilen uzak möhletleýin söwda-ykdysady, maýa goýum gatnaşyklaryny ýola goýmagynyň ýolunda möhüm ädim hökmünde garaýaryn diýip, hormatly Prezidentimiz nygtady we dostlukly ýurduň işewür toparlarynyň wekillerini iki döwletiň hem ägirt uly mümkinçiliklerine laýyk gelýän giň gerimli, özara bähbitli hakyky hyzmatdaşlyga çagyrdy.

### IKITARAPLAÝYN RESMINAMALARYŇ BIRNÄÇESINE GOL ÇEKILDI

«Türkmenistan – BAE» işewürlik maslahatynyň çäklerinde ikitaraplaýyn resminamalaryň birnäçesine gol çekildi. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi bilen «Abu Dhabi Ports Group» kompaniýasynyň arasynda aýan etmezlik hakynda Ylalaşyga; Türkmenistanyň Energetika ministrliginiň «Türkmenenergo» döwlet elektroenergetika korporasiýasy bilen «Abu Dhabi Future Energy Company (Masdar)» kompaniýasynyň arasynda Türkmenistanda umumy gurnalan kuwwaty 100 MW bolan gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri boýunça taslamalary ösdürmek bilen bagly bilelikde işlemek hakynda Ylalaşyga; Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky bilen Birinji Abu-Dabi bankynyň arasynda hyzmatdaşlyk hakynda Ylalaşyga gol çekildi. Şeýle-de, iki ýurduň telekeçilik düzümleriniň arasynda logistik hyzmatlary etmek we dürli eksport-import amallaryny geçirmek barada ylalaşyklar gazanyldy.

* * *

Şol gün Abu-Dabide bolýan hormatly Prezidentimiz «Wahat Al Karama» ýadygärlikler toplumyna baryp, Birleşen Arap Emirlikleriniň Watan üçin gurban bolan milli gahrymanlaryny hatyralady.

Hormatly Prezidentimiz Birleşen Arap Emirliklerine amala aşyrýan ilkinji resmi saparynyň maksatnamasyny Abu-Dabi şäherinde ýerleşýän Şeýh Zaýed metjidine baryp görmek bilen jemledi. BAE-niň esaslandyryjysy we ilkinji Prezidenti Şeýh Zaýed bin Sultan Al Nahaýýanyň adyny göterýän bu metjit dünýäniň iň uly alty metjidiniň biri hasaplanýar.

# MEDENI GATNAŞYKLAR ÖSDÜRILÝÄR

*23-nji noýabrda paýtagtymyzda Täjigistan Respublikasynyň Türkmenistandaky Medeniýet günleriniň açylyş dabarasy boldy. Iki dostlukly döwletiň Baştutanlarynyň başlangyjy bilen geçirilýän bu giň gerimli medeni çäre türkmen-täjik döwletara gatnaşyklarynyň ösdürilmegine möhüm goşant bolar.*

Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Mukamlar köşgünde Täjigistanyň Medeniýet günleriniň açylyş dabarasyna iki ýurduň medeniýet ulgamynyň ýolbaşçylary, Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalaryň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, döredijilik işgärleri, paýtagtymyzyň ýaşlary gatnaşdylar.

Dostlukly ýurduň wekiliýetine ýolbaşçylyk edip, Türkmenistana gelen Täjigistan Respublikasynyň medeniýet ministri Zulfiýa Dawlatzoda hormatly Prezidentimize hem-de türkmen kärdeşlerine döredijilik forumynyň ýokary guramaçylyk derejesi we Täjigistanyň wekiliýetiniň mähirli kabul edilendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, parahatçylygy, dostlugy pugtalandyrmakda, iki halkyň medeniýetleriniň özara baýlaşmagynda, ynsanperwer gatnaşyklaryň ösdürilmeginde şu gezekki çäräniň ähmiýetini bellediler.

Açylyş dabarasy tamamlanandan soňra, Täjigistanyň sungat ussatlarynyň konserti boldy. Onuň maksatnamasyna halk aýdym-sazlary, dünýä we täjik nusgawy saz sungatynyň hazynasyndan eserler, estrada aýdymlary, joşgunly tans çykyşlary girizildi.



Düýn Türkmenistanyň Şekillendiriş sungaty muzeýinde sergi guraldy. Onda Täjigistanyň häzirki zaman suratkeşleriniň, şekillendiriş sungatynyň eserleri, neşir önümleri, fotosuratlar görkezildi. Sergide döwrebap modelýerleriň milli röwüşde taýýarlan lybaslarynyň toplumlary hem görkezildi.

Şeýle hem «Aşgabat» kinoteatrynda iki ýurduň kinematograflarynyň duşuşygy geçirildi hem-de täjik režissýorlarynyň soňky ýyllarda döreden we halkara kinofestiwallara gatnaşan filmleriniň görkezilişi boldy. Olaryň hatarynda ýazyjy Abror Zahiriň romany esasynda režissýor Muhammadrabi Ismoilowyň surata düşüren «Awçynyň soňky oljasy» we Muhabbat Sattorowanyň döreden «Durmuş tansy» filmleri bar.

Täjigistanyň Medeniýet günleriniň ýapylyş dabarasy şu gün Mary şäherinde geçiriler. Mary welaýatynyň Kemine adyndaky döwlet drama teatrynyň sahnasynda geçiriljek dostluk konsertinde türkmen we täjik artistleri çykyş ederler.













# Sanly dolandyryş ulgamy ornaşdyrylýar

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ähli ugurlarda uly ösüşlere beslenýän Türkmenistan döwletimiz ykdysady taýdan kuwwatly ýurda öwrüldi. Häzirki wagtda ýurdumyzda döwlet Baştutanymyzyň alyp barýan öňdengörüjilikli syýasaty netijesinde milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryna sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly milli ykdysadyýetimiz barha kuwwatlanýar.***

Arkadagly Serdarymyzyň başda durmagynda ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda sanly dolandyryş ulgamyna geçmek işleri üstünlikli alnyp barylýar. Şol sanda «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň konsepsiýasy» esasynda mekdeplerde, bilim edaralarynda sanly ulgam barha rowaçlanýar.

Sanly dolandyryş ulgamyny ornaşdyrmagyň maddy-tehniki binýady hökmünde, geçen ýyllaryň dowamynda bilim edaralarynda zamanabap kompýuter, multimedia enjamlary üstünlikli ornaşdyryldy. Munuň özi internet ulgamyna birikmäge, dünýäniň abraýly okuw mekdepleriniň, meşhur kitaphanalarynyň elektron kitap gorlaryna çuňňur aralaşmaga ýardam berdi. 3



# Bitaraplyk – halkymyzyň milli buýsanjy

***Hemişelik Bitaraplygy Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan iki gezek ykrar edilen eziz Türkmenistan Watanymyz dünýäde asudalygy, parahatçylygy üpjün edýän gatnaşyklary pugtalandyrmakda uly üstünliklere eýe bolýar. Döwletimiz sebitde gapma-garşylyklaryň öňüni almak, adam hukuklaryny goramak we beýleki ugurlar boýunça umumadamzat bähbitli hyzmatdaşlyklary ýola goýmakda BMG-niň Merkezi Aziýadaky ygtybarly daýanjyna öwrüldi.***



Döwletimiziň teklibi esasynda Aşgabat şäherinde bu guramanyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň döredilmegi muňa güwä geçýär. Şu ýyl döredilenine 15 ýyl bolýan bu merkez sebitde durnuklylygy saklamaga, howpsuzlygy üpjün etmäge, özara bähbitli gatnaşyklar esasynda amala aşyrylýan hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmäge ýardam edýän çäreleriň ençemesini durmuşa geçirdi. 3



# HALKYMYZYŇ ABADAN WE BAGTYÝAR DURMUŞY ÜPJÜN EDILÝÄR

**23-nji noýabrda Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň mejlisi geçirildi. Mejlisde Milli Geňeşiň Mejlisi tarapyndan hödürlenen «Türkmenistanyň 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda» Kanunyna seredildi.**

Gahryman Arkadagymyz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe biziň öňümizde ýurdumyzy mundan beýläk-de durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek, ösüşiň milli, pudaklaýyn we sebit maksatnamalaryny üstünlikli durmuşa geçirmek ýaly möhüm wezipeleriň durýandygyny belledi hem-de 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujeti hakyndaky Kanunyň kabul edilmeginden öň, býujetiň esasy maddalaryny ýene-de bir gezek düýpli seljermegiň we olary döwrüň talaplaryna laýyk getirmegiň zerur bolup durýandygyny nygtady.

Halk Maslahatynyň Başlygy Milli Geňeşiň Mejlisiniň Başlygy G.Mämmedowa söz berdi. Ol «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda döwletiň we jemgyýetiň durmuşynyň ähli ugurlarynda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» laýyklykda iri taslamalary durmuşa geçirmek boýunça maksadaokgunly işleriň alnyp barylýandygyny belledi.

Ýurdumyzyň Hökümeti tarapyndan işlenip taýýarlanylan we hödürlenen taslamalara Milli Geňeşiň Mejlisiniň şu ýylyň 12-nji noýabrynda geçirilen nobatdaky ýigrimi birinji maslahatynda seredildi hem-de olar Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň garamagyna ugradyldy.

Soňra çykyş eden Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleriniň ýolbaşçylary hem-de degişli hünärmenleri bilen bilelikde, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2022-nji ýylyň 25-nji maýyndaky ýörite Kararyna laýyklykda, 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujetiniň, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň esasy ugurlarynyň we Maýa goýum maksatnamasynyň taslamalaryny taýýarlamak boýunça degişli işleriň geçirilendigi barada habar berdi.

Döwlet býujetinde durmuş ulgamyna gönükdirilýän serişdeleriň paýy 74,9 göterime deňdir. Şunuň bilen baglylykda, bilimi, saglygy goraýşy, medeniýeti ösdürmäge, durmuş üpjünçiligine, ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygyna, umumy häsiýetli döwlet hyzmatlaryna, halk hojalygyna meýilleşdirilen pul serişdeleri barada giňişleýin habar aýdyldy.

Çykyşda Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanyna laýyklykda, zähmet haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň, talyp haklarynyň möçberleriniň ýokarlandyrylmagyna aýratyn üns berildi.

Soňra maliýe we ykdysadyýet ministri M.Serdarowa söz berildi. Ol Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanyna laýyklykda, geljek ýylda ykdysady syýasatda zähmet serişdelerini netijeli dolandyrmak we zähmet bazarynyň meselelerini düzgünleşdirmek, täze iş ýerlerini döretmek boýunça çärelere möhüm ornuň beriljekdigini hem-de geljek ýylyň Döwlet býujetinde Türkmenistanda zähmet haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň, talyp we diňleýji haklarynyň möçberleriniň 10 göterim ýokarlandyrylan maliýe serişdeleriniň göz öňünde tutulandygy barada habar berdi.

Şeýle-de Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Aşgabat şäherinden agzasy G.Agaýew, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Ahal welaýatyndan agzasy E.Ataýewa, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Balkan welaýatyndan agzasy M.Atagylyjowa, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Daşoguz welaýatyndan agzasy S.Gaýypow, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Lebap welaýatyndan agzasy B.Halow, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Mary welaýatyndan agzasy H.Hajyýew dagylar çykyş etdiler.

Soňra Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy bu ýere ýygnananlara ýüzlenip, häzirki zaman şertlerinde ykdysadyýeti dogry we talabalaýyk dolandyrmagyň ählumumy derejede örän möhüm sorag bolup durýandygyny belledi. Döwlet býujeti ähli ýerde ykdysady meýilnamalaşdyrmagyň möhüm guraly hasaplanýar. Biziň Döwlet býujetimiz ýurduň maliýe serişdelerini emele getirmegiň usullaryny we görnüşlerini kesgitleýär. Şeýle hem bu serişdeleriň talabalaýyk we maksatlaýyn ulanylmagyny üpjün edýär.

Elbetde, Döwlet býujeti işlenip taýýarlananda, ýurduň ykdysady ösüşiniň geljegi, daşary ýurt pul gorlary, milli puluň hümmeti, maýa goýum syýasaty, maliýe bazarynyň ýagdaýy ýaly soraglaryň göz öňünde tutulmalydygyny bellemek isleýärin. Bu soraglaryň esasy bölegi maliýe-bank ulgamynyň wezipesi bilen baglydyr diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy.

Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy: «2023-nji ýyl üçin Döwlet býujeti bu resminamalarda öňde goýlan wezipeleri durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýärmi?» diýen sowal bilen ýüzlendi. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyzyň baş maliýe meýilnamasyny seljerip görmegi teklip etdi.

Döwlet býujetiniň kadaly işlemegi üçin, ilkinji nobatda, onuň girdeji bölegini üpjün etmek möhümdir. Elbetde, onuň girdeji bölegi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, bellenen fiziki we ýuridik şahslardan alynýan salgytlardan we ýygymlardan, şeýle hem hökmany töleglerden we çeşmelerden emele gelýär diýip, Gahryman Arkadagymyz belledi.

Sanly ykdysadyýete geçmegi çaltlandyrmak, döwlet emlägini hususylaşdyrmak, kärhanalary paýdarlar jemgyýetlerine öwürmek, gymmatly kagyzlaryň gazna bazaryny ösdürmek, eksporta niýetlenen önümçilik kärhanalaryny goldamak ýaly işler Döwlet býujetiniň girdeji bölegini artdyrmagyň goşmaça çeşmesi bolup hyzmat edýär. Bellenilişi ýaly, goşmaça serişdeleri netijeli ulanmagyň hasabyna girdejileriň möçberini iň ýokary derejä çykarmak üçin degişli çäreler görülýär.

Gahryman Arkadagymyz 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujetiniň çykdajy bölegi barada aýdyp, ilkinji nobatda, onuň zähmet haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň, talyp we diňleýji haklarynyň möçberlerini artdyrmak üçin göz öňünde tutulandygyny belledi. Biz döwlet derejesinde adamlaryň durmuş taýdan goraglylygyny we olaryň zähmetine hak tölemegi üpjün etmek bilen bagly soraglara hemişe üns berýäris diýip, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy nygtady hem-de eýýäm birnäçe ýyl bäri ýurdumyzda zähmet haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň, talyp we diňleýji haklarynyň möçberleriniň her ýyl 10 göterim artdyrylýandygyny belledi.

Şunuň bilen baglylykda: «Zähmet haklaryny we beýleki kömek pullaryny 10 göterim ýokarlandyrmak ýeterlikmi, bu halkymyzyň talabalaýyk ýaşamagy üçin ýetýärmi?» diýen sowallar ýüze çykýar.

Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy adamlar hakynda alada etmek üçin bizde ähli mümkinçilikleriň bardygyny, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň netijesinde munuň üçin serişdeleriň hem ýeterlikdigini belledi.

Şoňa görä-de, hormatly Prezidentimiziň Permanyna laýyklykda, 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujetinde zähmet haklaryny, pensiýalary, döwlet kömek pullaryny, talyp we diňleýji haklaryny 10 göterim ýokarlandyrmak baradaky soraga ýene-de bir gezek seretmeli diýip, Gahryman Arkadagymyz belledi.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» 2023-nji ýylda ortaça aýlyk zähmet hakyny 2506,3 manada çenli ýokarlandyrmak göz öňünde tutulandyr. Biz, ilkinji nobatda, hut şundan ugur almalydyrys diýlip nygtaldy.

Ýurdumyzda düýpli maýa goýumlarynyň möçberleri her ýyl artdyrylýar. Ýokarda agzalan Maksatnama laýyklykda, 2023-nji ýylda 1 milliard 354,59 million manat möçberde düýpli maýa goýumlaryny goýmak göz öňünde tutuldy. Elbetde, bu serişdeler 2022-nji ýyl bilen deňeşdirilende has artykdyr.

Döwlet ösüp gelýän ýaş nesliň aň-düşünjeli, bilimli bolmagy ugrunda hem ýeterlik derejede alada edýär. 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujetinde ýaşlara ýörite maksatlar üçin bölünip berilýän serişdeleri artdyrmagyň zerurdygy barada aýdyldy. Şonuň bilen birlikde, aýdylanlar nazara alnyp, býujetiň degişli maddalaryny gaýtadan hasaplamak tabşyryldy.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda, 2023-nji ýylda 5 hassahana, 11 sany mekdebe çenli çagalar edarasy, 8 sany umumybilim berýän edara, 1 sany ýokary okuw mekdebi we 1 teatr gurlar.

Ylym ulgamyny ösdürmäge hem köp möçberde býujet serişdeleri gönükdirilýär. Ýöne Ylymlar akademiýasynyň işi seljerilende, entek garaşylýan netijeler görünmeýär diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy.

Soňra Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy oba hojalygyny, aýratyn hem, ekerançylygy we maldarçylygy ösdürmek, işiň bu görnüşleriniň Döwlet býujetindäki orny bilen bagly soraglar barada durup geçdi.

2023-nji ýylda uly netijeleri gazanmak üçin maýa goýumlaryny, esasan, diwersifikasiýanyň, innowasion esasda önümçilikleri döretmegiň hasabyna ykdysadyýeti ösdürmäge gönükdirmek maksadalaýyk bolar diýip pikir edýärin.

Biz bu mümkinçiliklerimizi mähriban halkymyzyň bähbitlerine gönükdirýäris. Bu işler hem Döwlet býujetinde hökmany beýan edilmelidir diýip, Gahryman Arkadagymyz aýratyn belledi.

Çykyşyň dowamynda telekeçiligi we hususy pudagy ösdürmegiň milli ykdysadyýetimiziň ösüşiniň möhüm ugurlarynyň biridigi bellenildi. Ýöne, bellenilişi ýaly, Döwlet býujetinde telekeçileri goldamak, ýurdumyzda öndürilýän önümleriň möçberini artdyrmak üçin serişdeler ýeterlik mukdarda göz öňünde tutulmandyr.

Içerki bazarlarda azyk bolçulygyny üpjün etmek, döwlet desgalaryny we kärhanalaryny hususylaşdyrmak, paýdarlar jemgyýetlerini döretmek, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň düzüminde hususy pudagyň paýyny artdyrmak boýunça bellenen serişdeler ýeterlik däl diýip, Gahryman Arkadagymyz belledi.

Ahyrky netijede bolsa, bu işleriň ählisi býujetde jemlenýän girdejileriň möçberleriniň artdyrylmagyna getirmelidir diýip, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy aýtdy.

Çykdajylary artdyrmagyň beýleki ugry bolsa daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürýän kärhanalaryň sanyny köpeltmek we eksporta niýetlenen harytlaryň möçberini artdyrmak boýunça maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirmäge, azyk üpjünçiligini gowulandyrmaga, elektron senagatyny döretmäge gönükdirilmelidir diýip, Gahryman Arkadagymyz nygtady hem-de bu işler üçin maliýe serişdeleriniň ýeterlik möçberde göz öňünde tutulmagyny örän möhüm hasaplaýandygyny belledi.

Mähriban halkymyzy ýaşaýyş jaýlary bilen üpjün etmek esasy wezipeleriň biridir. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda, 2023-nji ýylda 2687 sany täze iş ornuny döretmek, döwlet serişdeleriniň hasabyna 14,44 müň inedördül metr we hususy pudagyň hasabyna 436,38 müň inedördül metr ýaşaýyş jaýyny gurmak göz öňünde tutulýar. Şonuň netijesinde her bir adama ýaşaýyş meýdanyny 23,4 inedördül metre çenli artdyrmak meýilleşdirilýär diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy.

Şoňa görä-de, ilatyň iş bilen üpjünçiligi we halkymyzyň ýaşaýyş derejesini mundan beýläk-de ýokarlandyrmak bilen bagly soraglary çözmek boýunça çäreler Döwlet býujetinde ýeterlik göz öňünde tutulmandyr. Geçen ýyllardaky ýaly, Döwlet býujetinden durmuş ulgamyna gönükdirilýän serişdeleriň möçberi onuň 70 göteriminden ýokary geçmelidir diýip, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy nygtady.

Şu aýdylanlar 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujetiniň taslamasyna bildirilýän esasy talaplardyr. Şoňa görä-de, Gahryman Arkadagymyz ähli ugurlar boýunça edilen bellikleri göz öňünde tutup, ýene-de bir gezek anyk we takyk hasaplamalary geçirip, 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujeti hakyndaky Kanunyň taslamasynyň üstünde işlemek üçin Milli Geňeşiň Mejlisine gaýtarmagy, şondan soňra ony Milli Geňeşiň Halk Maslahatyna gaýtadan seretmäge bermegi teklip etdi.

Biziň alyp barýan ähli işlerimiz eziz Watanymyzy ösdürmäge, mähriban halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Bellenen maksatlary durmuşa geçirmek üçin biziň her birimiz öz ýerimizde ak ýürekli, yhlasly, netijeli we döredijilikli işlemelidiris diýip, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy nygtady hem-de hemmeleriň bu işlere öz mynasyp goşandyny goşjakdygyna ynam bildirdi.

## Dost tutunmak sporta höweslendirýär

Käbir adam ýüzmegi, sport zalyna gatnamagy, ylgamagy ýa-da yzygiderli maşk etmegi ýürekgysgynç hasaplaýar. Şeýle bolansoň, maşk etmekden ýüz öwürýär ýa-da az maşk edýär. Geçirilen barlaglaryň birinde maşk etmek üçin ýoldaş tapynmagyň sporta höweslendirjekdigi ýüze çykaryldy.



ABŞ-nyň Nýu-Jersi ştatyndaky Kin uniwersitetiniň hünärmenleri sport bilen az meşgullanýan adamlaryň köp maşk edýänler bilen ýoldaş bolmaklarynyň netijeli boljakdygyny mälim etdiler. Geçirilen barlagda sporty o diýen halamaýan adamyň yzygiderli maşk edýän biri bilen ýoldaş bolsa, höwesi artýandygy ýüze çykaryldy. Munuň maşk etmäge höwesi ýok adamlar üçin hem täsirlidigi bellenildi. Yzygiderli maşk etmegiň peýdasy hemmelere mälimdir. Uniwersitetiň hünärmenleri bilelikde ýöremek, ylgamak, futbol oýnamak ýa-da sport zalyna gatnamak üçin dost tutunmagyň peýdaly boljakdygyny belleýärler. Bellenen wagtda dostuň bilen duşuşmak bolsa, adamda jogapkärçilik duýgusyny kämilleşdirýär.

**Ýeňiş SERDAROW,**
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.*

## Dünýäniň iň uly ýahtasy bolar

Italiýanyň «Lazzarini» binagärlik kompaniýasy dünýäniň iň uly ýahtasynyň nusgalyk dizaýnyny tanyşdyrdy. Äpet suw ulagyna 335 million ýyl ozalky materik bolan Pangeanyň ady dakylypdyr. Pyşbaga şekilli boljak gäminiň içinde söwda



merkezleri, restoranlar, myhmanhanalar, seýilgähler, ýaşaýyş jaýlary bolup, kiçiräk şähere meňzeş bolar. Äpet gämini gurmak üçin 8 milliard dollar sarp ediler. Ýahtalar ululygyna görä, «super», «mega» we «giga» ýaly prefiksler bilen atlandyrylýar. Täze suw ulagynyň has uly – «teraýahta» boljakdygy bellenilýär. Italýan kompaniýasynyň wekilleri ýahtanyň häzire çenli suwda ýüzýän iň uly desga boljakdygyny aýdyp, onuň uzynlygynyň 550 metre, ininiň 610 metre barabar boljakdygyny habar berdiler.

**Aknur ÖDEKOWA,**
*Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugyň Lebap welaýat müdirliginiň Çärjew etrap bölüminiň döwlet bellige alyjysy.*

## Taryhy-medeni ýadygärliklere baý mekan



Soňky ýyllarda ýurdumyzyň taryhynyň, arheologiýasynyň we etnologiýasynyň meselelerini täze esasda düýpli hem-de çuňňur öwrenmek maksady bilen köp işler amala aşyryldy. Gahryman Arkadagymyzyň bu ugurdaky giň gerimli başlangyçlary häzirki wagtda mynasyp dowam etdirilip, halkymyzyň baý medeni mirasyny çuňňur öwrenmäge, gorap saklamaga we wagyz etmäge döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri hökmünde aýratyn ähmiýet berilýär. Gadymy ýadygärliklerimizde giňişleýin arheologik barlaglar geçirilip, taryhymyzyň heniz açylmadyk gatlaryny täze maglumatlar bilen doldurmak wajyp wezipeleriň hatarynda kesgitlenilýär. Muňa hormatly Prezidentimiziň Karary bilen tassyklanan «Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini aýap saklamagyň, goramagyň, öwrenmegiň hem-de olara syýahatçylary çekmegiň 2022–2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» hem aýdyň şaýatlyk edýär.

Bu ugurdaky işleri has işjeňleşdirmek maksady bilen Türkmenistanyň Şekillendiriş sungaty muzeýinde sanly ulgam arkaly geçirilen «Türkmenistanyň taryhy we medeni ýadygärlikleri: öwrenmek, gorap saklamak we rejelemek tejribesi» atly halkara ylmy maslahat hem munuň aýdyň subutnamasydyr.

Bu maslahatda ýurdumyzyň taryhy ýadygärliklerini ylmy esasda öwrenmekde, gorap saklamakda, rejelemekde we olara syýahatçylary çekmekde döwlet derejesinde alnyp barylýan işler hakynda täsirli çykyşlar diňlenildi. Mundan başga-da, taryhy-medeni ýadygärlikleriň keşbiniň sanly tehnologiýa arkaly wirtual dikeldilişi baradaky wideorolik görkezildi.

Türkmenistanyň taryhy-medeni ýadygärlikleri özboluşly gurluş äheňi, binagärlik aýratynlygy bilen tapawutlanýar. Dehistan, Nusaý, Köneürgenç, Amul, Merw ýadygärlikler toplumlarynda binagärligiň täsin nusgalaryny görmek bolýar. Aýratyn hem Goňurdepe, Namazgadepe, Altyndepe, Yzmykşir, Köneürgenç, Ysmamyt ata, Seýitjemaleddin metjidi, Sarahs galasy, Soltan Sanjaryň kümmeti ýaly taryhy ýadygärliklerden tapylan taryhy tapyndylar haýran galdyrýar. Her bir taryhy ýadygärlik bilen baglanyşykly, nesilden-nesle geçip, biziň günlerimize çenli saklanyp galan ençeme rowaýatlar geljegimiz bolan ýaşlary terbiýelemekde uly ähmiýete eýedir.

**Dursun IŞANGULYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

## Halkara Aý gözleg bekedi gurlar

Hytaýyň Aý gözleg maksatnamasynyň baş dizaýneri U Weýžen Halkara Aý gözleg bekediniň esasy gurluşynyň 2028-nji ýylda gurlup gutaryljakdygyny mälim etdi. Beketde Aýa gonjak enjamlar üçin degişli infrastruktura dörediler we energiýa ulgamy, aragatnaşyk infrastrukturasy we adamlaryň durmuş üpjünçiligi üçin degişli şertler dörediler. Dörediljek aragatnaşyk infrastrukturasy Aý bilen Ýeriň ýa-da beýleki planetalaryň arasynda aragatnaşygy üpjün eder.



Hytaý soňky bäş ýylda Aýda dürli barlaglary geçirmek üçin bäş sany kosmos syýahatyny amala aşyrdy. Öňümizdäki 10-15 ýylda Hytaý Aý bazasyny gurmakdan başga-da, planetalary gözlemek, Aýda we Marsda adamlaryň gonmagyna mümkinçilik berjek aşa güýçli kosmos enjamlaryny döretmek ýaly kosmos meýilnamalaryny amala aşyrmagy göz öňünde tutýar.

**Gurbanmyrat GYLYJOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Mikroplastikleri arassalaýan robot

Hytaýly hünärmenler suwdaky mikroplastikleri we nanoplastikleri arassalamak üçin ion alyş-çalşygyndan güýç alýan kiçijik robot işläp taýýarladylar. Robotyň diametri adam saçyndan has inçe 20-100 mikron aralygynda. «Science Advances» žurnalynda bu barada çap edilen makalada süýji suwlardaky mikro we nanoplastikleriň global ekoulgam üçin howp döredýändigi bellenilýär. Emma suwa garyşan iri plastik zyňyndylary adaty süzgüçler arkaly ýygnap bolýan hem bolsa, göz bilen saýgaryp bolmaýan plastik zerrejiklerini toplamak aňsat däl. Guançžou şäherindäki Jinan hem-de Gonkongyň adybir uniwersitetiniň hünärmenleri ýer süpürýän robotlara meňzedip, suwdaky maýda plastik bölejikleri arassalaýan roboty işläp taýýarladylar. Jinan uniwersitetiniň hünärmeni Wan Jižuan ýer süpürýän robotlaryň awtonom ýagdaýda bellenen aralykdaky zibilleri arassalaýandygyny aýdyp, şeýle roboty suwy arassalamak üçin hem ýasap biljekdiklerini aýdýar.



**Muhammetaman SARYÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň uly mugallymy.*

## Ýewrowideniýäniň täze ses beriş ulgamy

Ýewropa Teleýaýlym Bileleşigi (EBU) Ýewrowideniýe aýdym-saz bäsleşiginiň ses beriş ulgamyny üýtgedip, bütin dünýä üçin açyk etjekdigini mälim etdi. 2023-nji ýyldan başlap, ýarym finala çykan toparlar bütin dünýäden berlen sesler arkaly kesgitlener. Finalda bolsa, professional emin agzalary ýeňijini kesgitlär. EBU täze düzgün bilen ýaryşa global gyzyklanmanyň artdyrylmagyny maksat edinýär. Täze düzgüne görä, ýarym finala çykjak ýurtlary diňe tomaşaçylar kesgitlär. Finalda bolsa, emin agzalary tomaşaçylardan gelen sesleri hem göz öňünde tutup, ýeňijini belli eder. Aýdym-saz bäsleşigi Ýewropa Teleýaýlym Bileleşigine agza bolan ýurtlaryň (köpüsi Ýewropadan) arasynda 67 ýyldan bäri geçirilýär.




**Maksat HUDAÝNAZAROW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Adam 1 trillion ysy tapawutlandyryp bilýär

Janly-jandarlaryň ys alyş ukyby dürlüçe bolýar. Nýu-Ýorkdaky Rokfeller uniwersitetiniň molekulýar newrobiologiýa hünärmeni Lesli Wossallyň ýolbaşçylyk edýän toparynyň geçiren barlagynda adamyň 1 trillion töweregi ysy tapawutlandyryp bilýändigi ýüze çykaryldy. Geçirilen barlagda 26 meýletinçiniň hersine her synagda üç çüýşe berildi. Çüýşelerden ikisiniň ysy meňzeşdi. Olardan tapawutly ysy bilmekleri soraldy. Emma laboratoriýada öndürilen tapawutly ys bolsa, beýleki ys bilen 90 göterim meňzeýär. 10 göterimlik tapawudy bolsa saýgarmagyň kyndygy bellenilýär. Bu synaglar birnäçe gezek gaýtalanypdyr. Netijede, adamyň şeýle az tapawudy hem duýup bilýändigi mälim bolupdyr.



**Azat BATYROW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## 5 kitaby okamagy maslahat berdi

Mälim bolşy ýaly, «Microsoft» kompaniýasynyň esaslandyryjysy Bill Geýts her ýylyň tomus we gyş pasyllarynda okalmagyny maslahat berýän kitaplarynyň sanawyny aýdýar. Belli işewür dynç alyş günlerinde okalmaly bäş kitabyň adyny mälim etdi. 67 ýaşly işewür bu barada CNBC teleýaýlymyna beren beýanatynda aýtdy. Ine, ylmy-fantastiki, taryh we beýleki mowzuklardaky kitaplaryň sanawy:



**«Ýat ýurtdaky keseki».** Amerikan ýazyjysy Robert Haýnlaýnyň 1961-nji ýylda ýazan eserinde Marsda doglan we gaýry planetalylaryň arasynda önüp-ösen Walentin Maýkl Smit atly adam barada gürrüň berilýär.

**«Tabynlyk: 40 aýdym, bir hekaýat».** Dünýä belli U2 aýdym-saz toparynyň wokalçysy Bononyň ýazan kitabynda awtor topardaşlary bilen başdangeçirmeleri barada gürrüň berýär.

**«Bäsdeşler topary».** Amerikan zenan ýazyjysy, taryhçy Doris Kerns Gudwiniň bu eserinde ABŞ-nyň 16-njy Prezidenti Awraam Linkoln barada gürrüň berilýär.

**«Tennisde içki oýun».** Timoti Golwiniň 1974-nji ýylda neşir edilen kitabynda awtoryň 1960-njy ýylda Garward uniwersitetinde tennis toparyna ýolbaşçylyk eden döwründäki başdangeçirmeleri gürrüň berilýär.

**«Mendeleýewiň arzuwy».** Britan akademigi Pol Streterniň kitabynda 1869-njy ýylda periodik ulgamyň ilkinji nusgasyny döreden rus himigi Dmitriý Mendeleýew barada gürrüň berilýär.

**Ahmet AKYÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Daşoguz welaýaty boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, maýor.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Noýabr aýynyň 25-i, 2022
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-110579
Belgisi: 47/1509
Tiražy: 6740
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Türkmen-özbek dostlugy has-da berkeýär

Soňky ýyllarda täze ösüşe eýe bolan, mazmun babatda baýlaşdyrylan türkmen-özbek gatnaşyklarynyň okgunly ösdürilmeginiň möhüm şertleriniň biri gadymyýetden bäri iki halky birleşdirýän medeni-ruhy gymmatlyklaryň umumylygyna esaslanýan ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlykdyr. Şoňa görä-de, Daşoguz şäherinde Türkmen we özbek halklarynyň dostluk festiwalynyň geçirilmegi aýratyn ähmiýete eýedir.

Bu forumda iki ýurduň senetçileriniň hem-de şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň ussatlarynyň işleriniň sergisi guraldy. Onda türkmen we özbek halklarynyň özboluşly däp-dessurlaryny, tebigatyň gaýtalanmajak gözelligini, taryhyň, medeniýetiň ýadygärliklerini, häzirki zaman binagärlik ýörelgelerini beýan edýän eserler görkezildi.

Ýadyňyzda bolsa, iýul aýynda hormatly Prezidentimiz Özbegistan Respublikasyna döwlet sapary bilen bardy. 20-nji oktýabrda Özbegistanyň Prezidenti Aşgabada resmi sapar bilen geldi. Iki ýurduň Prezidentleriniň amala aşyran bu saparlary we olaryň çäklerinde gol çekilen ylalaşyklar biziň geljekki gatnaşyklarymyzyň ösüşi üçin täze badalgadyr.

Özbegistan Respublikasy bilen Türkmenistanyň arasynda ýola goýlan we barha ösdürilýän hyzmatdaşlyk iki doganlyk döwletiň uzak möhletleýin bähbitlerine, halklarymyzyň göwün küýseglerine kybap gelýär. Şundan ugur alanyňda, ýokary derejede geçirilýän bu festiwal diňe bir ikitaraplaýyn medeni gatnaşyklary ilerletmek babatynda däl, eýsem, Merkezi Aziýada para-



hatçylygy pugtalandyrmakda hem möhüm waka bolup durýar. Bu bolsa, öz gezeginde, Özbegistan Respublikasy bilen Türkmenistanyň gatnaşyklarynda medeni-ynsanperwer ulgamyň ileri tutulýan ugurdygyndan, milli medeniýetiň bähbitlerine doly laýyk gelýän bu hyzmatdaşlygyň hil taýdan täze derejä çykýandygyndan habar berýär. Üstünlikli durmuşa geçirilen bilelikdäki giň gerimli medeni çäreler munuň aýdyň subutnamasydyr.

Türki Döwletleriň Guramasynyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisine Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň türkmen wekiliýetine ýolbaşçylyk edip gatnaşmagy möhüm waka öwrüldi. Onuň çäklerinde Prezident Şawkat Mirziýoýew bilen hormatly Arkadagymyzyň geçiren gepleşiklerinde, beýleki ugurlar bilen birlikde, medeni hyzmatdaşlygy ilerletmegiň möhümdigine hem üns çekildi.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen ýokary derejede guralan festiwalyň çägindäki her bir dabara biziň üçin ýatdan çykmajak pursatlara öwrüldi. Türkmeniň milli däp-dessurlary, baý medeniýeti we sungaty dünýä ýüzüne şöhle saçýar. Bu baýramçylykda ýaňlanan halk äheňleri, ynsan durmuşyny bezeýän toýlaryň egsilmejek dabarasy, iň esasy-da, ýüzünde bagt şuglasy nurlanýan adamlaryň myhmansöýerligi kalbymyzda ýakymly duýgulary oýardy. Taryhy ýakynlygy bolan halklarymyzyň mizemez dost-doganlygyny şöhlelendirýän ajaýyp festiwal iki goňşy ýurduň özara gatnaşyklarynyň ýylýazgysynda möhüm waka öwrüldi.

**Aýnur PAÝZULLAÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby, Türkmenistanyň Prezidentiniň talyp hakynyň eýesi.*

# Bitaraplyk – halkymyzyň milli buýsanjy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu babatda hormatly Prezidentimiz Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sammitinde eden çykyşynda: «Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyna agza döwletleriň hem dördüsiniň esaslandyryjylar hökmünde gatnaşan BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň döredilmeginiň 2022-nji ýylyň dekabr aýynda 15 ýyllygynyň bellenilýändigini nazara almak bilen, biz Baş Assambleýanyň garamagyna bu merkeziň orny baradaky nobatdaky Kararnamanyň taslamasyny hödürlemek isleýäris we degişli resminamada soňky ýyllaryň ähmiýetli wakalaryny, şol sanda Merkezi Aziýada parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagynyň yglan edilmegini beýan etmegi göz öňünde tutýarys» diýip, aýratyn nygtap geçdi.

Ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlykda halkara gatnaşyklaryň we diplomatiýanyň dünýä taryhynda nusgalyk tejribesini toplady. Ata Watanymyz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hem Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen düzümleri, beýleki köpsanly iri halkara we sebit guramalary bilen netijeli hyzmatdaşlygy işjeň ösdürýär. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 76-njy sessiýasynyň 97-nji umumy mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy esasynda «Merkezi Aziýa – parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy» atly Kararnamanyň kabul edilmegi, Merkezi Aziýa döwletleriniň we Russiýa Federasiýasynyň Parlamentara forumynyň netijeleri boýunça kabul edilen Aşgabat Jarnamasynyň, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Russiýanyň zenanlarynyň ilkinji dialogynyň Jarnamasynyň 76-njy sessiýanyň resminamalary hökmünde beýan edilmegi munuň aýdyň subutnamalarydyr hem-de döwletimiziň bu abraýly halkara gurama bilen gatnaşyklarynyň hil taýdan täze derejä çykýandygynyň alamatydyr.

Türkmenistan dünýäniň abraýly halkara guramasy bolan Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen edaralary bilen netijeli hyzmatdaşlygy alyp barýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň ählumumy ösüşiň hatyrasyna gönükdirilen oňyn häsiýetli başlangyçlary bu abraýly gurama tarapyndan uly goldawa eýe bolýar. Munuň şeýledigini Türkmenistanyň başlangyçlary boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen, möhüm halkara meseleleriň çözülmeginde uly ähmiýete eýe bolan Kararnamalar hem doly subut edýär.



Hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy BMG tarapyndan iki gezek ykrar edilen ýeke-täk ýurt bolan ata Watanymyz häzirki wagtda dünýäniň ençeme döwleti bilen diplomatik we söwda-ykdysady gatnaşyklary ýola goýdy hem-de halkara guramalarynyň 50-ä golaýynyň agzasy boldy. Gahryman Arkadagymyzyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň belent münberinden öňe süren başlangyçlary dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan giň goldawa eýe bolup, häzirki wagtda bolsa Arkadagly Serdarymyz bu başlangyçlary dowam edip, ýurdumyzy halkara derejesinde täze belent sepgitlere alyp barýar.

**Hemra KAKAJANOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň kafedra müdiri, uly mugallymy.*

# Sanly dolandyryş ulgamy ornaşdyrylýar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Häzirki wagtda ýokary we ýörite orta hünär okuw mekdeplerinde uzakdan aralaşmak üçin saýtlar, portallar döredilýär. Olardan peýdalanyp talyp ýaşlar gündelik nazary we tejribe sapaklarynda alýan maglumatlarynyň üstüni özbaşdak doldurmaga, sapakdan daşary, gyzyklanýan maglumatlaryndan peýdalanmaga mümkinçilik alýarlar. Bu saýtlar we torlar beýleki daşary ýurt okuw mekdepleri bilen sanly ulgam arkaly birikmäge, özara okuw sapaklaryny we ylmy maslahatlary guramaga mümkinçilik berýär.

«Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyny» durmuşa geçirmegiň tapgyrlarynyň barşynda sanly bilim portallary işlenilip taýýarlanyldy. Bu bilim portallary elektron poçta, elektron resminama, uzak aralykdan bilim almak, ylmy işler, okatmagyň elektron serişdesi, bäsleşikler, olimpiadalar, maslahatlar, forumlar, okuw kitaplary, okuw gollanmalary, sözlükler ýaly bölümleri özünde jemleýär. Şonuň ýaly-da, sanly bilim tehnologiýalaryny ornaşdyrmak bilen, dersler boýunça döwrebap elektron okuw-usuly toplumlaryň elektron okuw kitaplary, okuw gollanmalary, wideo-audio materiallar, interaktiw-multimediýa programmalary, okuw-görkezme esbaplary, maglumat kitapçalary döredilýär. Bu ugurdaky işler ýurdumyzda bilim ulgamyny sanlylaşdyrmaga we netijede ösüp gelýän ýaş nesle ýokary hilli bilim bermäge ýardam edýär.

XXI asyrda ösüşiň tizligi batly depginde artýar. Häzirki döwürde bilim bermegiň barşynda innowasion



tehnologiýalardan giňden peýdalanylýar. Bu bolsa talyplaryň okamak we öwrenmek bilen bagly işiniň häsiýetiniň we hiliniň ýokarlanmagyna alyp barýar.

Adaty okuwlar geçilen mahalynda testleriň ýa-da synaglaryň netijelerine garaşmak köp wagty talap edýär. Elektron maksatnamalar arkaly tabşyryk berjaý edilenden soňra, onuň netijesi bilen dessine tanyşmaga mümkinçilik döreýär. Bu okuwyň hilini epesli derejede ýokarlandyrýar.

Elektron maksatnamalaryň üsti bilen okuw prosesinde ähli talyplaryň işjeňligini üpjün edip bolýar. Maksatnamalarda dürli tekstleri, fotosuratlary, wideo-şekilli maglumatlary, sesleri we animasiýalary peýdalanmak göz öňünde tutulýar. Hormatly Arkadagymyz «Ösüşiň täze belentliklerine tarap» atly kitabynda şeýle belleýär: «Bilime jemgyýetimiziň öňe gitmeginiň, döwletimiziň mundan beýläk-de ösmeginiň binýady hökmünde garalýar. Biziň bilim syýasatymyzyň esasy maksady ýurdumyzyň her bir raýaty üçin bilim almagyň elýeterli bolmagyny gazanmakdyr».

Arkadagly Serdarymyzyň taýsyz tagallalarynyň netijesinde ýurdumyzyň bilim ulgamy dünýä tejribesi we täze tehnologiýalar bilen ösüşli menzillere gadam goýýar. Dünýäniň ösen tejribeleriniň bilim ulgamyna ornaşdyrylmagy bilimli, terbiýeli, tejribeli şahsyýetleriň taýýarlanmagyna we kemala gelmegine oňyn täsir edýär. Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzy gülledip ösdürmekde alyp barýan işleriniň rowaçlyklara beslenmegini, janynyň sag, ömrüniň uzak bolmagyny arzuw edýäris.

**Aýgül ANNANUROWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň iňlis diliniň fonetikasy we leksikologiýasy kafedrasynyň mugallymy.*

# TÜRKMEN-EMIRLIKLER gatnaşyklarynyň täze döwri

Ýakyn Gündogaryň ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak we giňeltmek Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup, şunda Birleşen Arap Emirlikleri bilen özara gatnaşyklara aýratyn orun degişlidir. 1995-nji ýylyň oktýabrynda resmi taýdan ýola goýlan türkmen-emirlikler gatnaşyklary iki döwletiň Liderleriniň arasynda soňky ýyllarda geçirilen ikitaraplaýyn duşuşyklarda gazanylan ylalaşyklar esasynda hil taýdan täze derejä çykarylýar. Hormatly Prezidentimiziň 21-22-nji noýabrda bu dostlukly ýurda amala aşyran resmi sapary hem köpýyllyk netijeli hyzmatdaşlygyň hil taýdan täze derejelere çykmagyna giň mümkinçilik berdi.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň arasynda diplomatik gatnaşyklar 1995-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda ýola goýuldy we 2002-nji ýylyň 20-nji awgustynda BAE-niň Türkmenistandaky ilçihanasy açyldy. Geçen ýyllaryň dowamynda iki ýurduň arasyndaky ýokary derejedäki saparlar we olaryň netijesinde ähli ugurlar babatda gol çekilen ylalaşyklar ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin berk binýat boldy. BAE Türkmenistanyň esasy söwda hyzmatdaşlarynyň hataryna girip, iki ýurduň arasyndaky haryt dolanyşygy ýylsaýyn artýar. Türkmenistan Birleşen Arap Emirlikleri bilen söwda-ykdysady, ýangyç-energetika, ulag-aragatnaşyk, maliýe-bank işi, medeni-ynsanperwer ulgamlarda ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär. Bilimleri we tehnologiýalary, ylmy-tehniki täzeçillikleri alyşmak, maýa goýumlar hem özara gatnaşyklaryň möhüm ugurlarydyr.

Türkmenistan bilen BAE-niň arasyndaky gatnaşyklar ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşde, abraýly sebit hem-de halkara guramalaryň çäklerinde depginli ösdürilýär. Munuň şeýle bolmagyna türkmen-emirlikler



hyzmatdaşlygyna mahsus ynanyşykly, özara hormat goýmak esasyndaky ýokary derejedäki dialog ýardam berýär.

Tebigy gazy eksport ediji döwletleriň biri bolan ýurdumyzyň gazhimiýa senagaty hem ösdürilýär, öndürilýän önümleriň giň görnüşi halkara bazarlara çykarylýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyz BAE-niň öňdebaryjy energetika kompaniýalary bilen netijeli hyzmatdaşlyga taýýardyr.

Ulag-logistika ulgamy hem hyzmatdaşlygyň strategik ugurlarynyň biridir. Bu ugurda iki ýurduň port düzümlerini ulanmak arkaly utgaşdyrylan ulag geçelgelerini döretmek boýunça taslamalary amala aşyrmak üçin giň mümkinçilikler bar. Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň we BAE-niň portlarynyň logistik «baglanyşygynyň» örän uly geljegi bar.

Oba hojalygy, aragatnaşyk we kommunikasiýalar, gaýtadan işleýän we himiýa senagaty, täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy hyzmatdaşlygyň beýleki möhüm ugurlarynyň hataryndadyr. Şähergurluşyk ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň hem uly geljegi bar. Häzirki günde Türkmenistanda bu ugurda iri taslama – Ahal welaýatynyň täze edara ediş merkeziniň gurluşygy amala aşyrylyp, bu ugurdaky işler tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýar.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň dürli ulgamlarda başyny başlan we durmuşa geçirýän giň gerimli taslamalary türkmen-emirlikler hyzmatdaşlygyny, şol sanda maýa goýum işini we netijeli işewürlik gatnaşyklaryny işjeňleşdirmek üçin amatly mümkinçilikleri döredýär.

Ynsanperwer hyzmatdaşlyk barada aýdylanda, ylym, bilim, medeniýet we sungat ugurlary boýunça özara gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmegi halklarymyzy ýakynlaşdyrmagyň, dostluk gatnaşyklaryny pugtalandyrmagyň möhüm şertidir. Türkmenistanyň we BAE-niň baý taryhy mirasy, özboluşly däp-dessurlary bar. Bu ulgamda tejribe alyşmak, bilelikdäki çäreleri – Medeniýet günlerini, sergileri, döredijilik toparlarynyň çykyşlaryny guramak medeniýetleriň özara baýlaşdyrylmagyna ýardam berer.

**Jemal ATAMYRADOWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň iňlis dili we edebiýaty fakultetiniň mugallymy.*

# Malym – halym

*Ata-babalarymyz dowardarçylygy her paslyň özüne mahsus aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, her möwsümiň howa şertlerine görä alyp barmakda çopançylyk kärini sungat derejesine ýetiripdirler. Çünki çopanlar dowardarçylykda geçirilýän owlak-guzy almak möwsümi, ýaz ýüňüniň gyrkymy, guzulary enesinden aýyrmak, güýz ýüňüniň gyrkymy, höwür möwsümi, dok gyşlatmak babatynda birnäçe baý iş tejribesini toplapdyrlar.*

Dowardarçylyk pudagy özüniň gözbaşyny müňýyllyklaryň jümmüşinden alyp gaýdýan milli däp-dessurlara, aýtgylara, nakyllara, adalgalara, rowaýatlara örän baýdyr. Hut şu nukdaýnazardan, bu pudak bilen bagly aýdylan aýtgylar hem öz ähmiýetini ýitirmän, häzir hem dowam edip gelýär.

Goýun sürüsiniň içinde geçileriň bolmagy dowardarçylykda aýratyn ähmiýete eýedir. Çünki geçiler sürini bakmakda we dolandyrmakda zerurdyr. Geçiler köplenç, süriniň öňünde gezýärler. Süriniň içindäki iki ýaşly biçilen tekä jaň dakylýar. Bu mala serke diýilýär. Süriniň öňüni çekýän serke öz eýesi çopanyň sesine, sykylygyna, gykuwlamasyna öwrenişdirilýär.

Owlak-guzy almak möwsümi dowardarçylykda iň jogapkärli möwsümleriň biridir. Başgaça aýdylanda, çarwa nowruzy diýlip atlandyrylýan owlak-guzy almak möwsümi «Malym – halym» diýip işleýän çopanlaryň bütin ýylda çeken zähmetiniň rehnedini görýän döwrüdir. Owlak-guzy möwsüminden öň bolan guza barga, enesiniň köp emmezligi üçin guzynyň agzyna daňylyp berkidilen çöpe gämik diýilýär. Ýeke doglan guza ýalky, jübüt doglan guzulara ekiz diýilýär.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, maldarlarymyz üçin birnäçe ýeňillikleriň döredilmegi, ýagny maldarlaryň dürli salgytlardan boşadylmagy, olara döwletimiz tarapyndan ýeňillikli karzlaryň berilmegi, degişli kada-kanunlara laýyklykda öri meýdanlaryny, mallar üçin örüdäki suw çeşmelerini bökdençsiz ulanmaga mümkinçilikleriň döredilmegi hususy eýeçilikde hem mallaryň baş sanynyň artmagyny, bazarlarymyzda, söwda merkezlerimizde maldarçylyk önümleriniň dürli görnüşleri-



niň bolçulygyny üpjün edýär.

«Weterinariýa işi hakynda», «Maldarçylykda tohumçylyk işi hakynda», «Öri meýdanlary hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň kabul edilmegi pudagyň kanunçylyk-hukuk binýadyny berkitmek bilen, ýurdumyzda maldarçylyk pudagynyň has-da ygtybarly ösmegine, bu ugurda işleriň ýokary derejede we talabalaýyk alnyp barylmagyna uly itergi berýär.

Ýurdumyzyň maldarçylyk hojalyklarynda her ýylda müňlerçe tonna ýüň öndürilip, şonuň 95,5 göterimi goýun ýüňüne, galan 4,5 göterimi bolsa, geçi çöpürine we düýe ýüňüne degişlidir.

Saryja goýunlaryň ýarym irimçik, ak ýüňi türkmen halylaryny dokamak üçin, garaköli goýunlaryň irimçik, dürli reňkli (gara, çal, goňur we ş.m.) ýüňi bolsa, keçe we keçe önümlerini taýýarlamak üçin gymmatly çig mal hökmünde peýdalanylýar.

Ýüňüň ýokary derejede bolmagy köplenç, gyrkymyň wagtynda geçirilmegine baglydyr. Ýaş toklular diňe güýzüne gyrkylýar. Ýaz gyrkymy aprel aýynyň 20-sinden maý aýynyň 15-i aralygynda, güýz gyrkymy bolsa, awgust aýynyň 20-sinden sentýabr aýynyň 15-i aralygynda geçirilýär. Gyrkym adatça ýöriteleşdirilen gyrkym jaýlarynda geçirilýär. Şonuň ýaly jaýlary bolmadyk hojalyklarda gyrkym geçirmek üçin ýagty hem-de gury kaşar saýlanyp alnyýar we enjamlaşdyrylýar. Gyrkym jaýy agaç germewler bilen bölünip, birine gyrkyljak dowarlar salnyýar, ikinjisinde dowarlar gyrkylýar, ýene birinde bolsa, gyrkylyp alnan ýüňler saýlanylýar we gaplanylýar.

Gyrkym öňünden düzülen tertip esasynda geçirilip, haýsy süriniň gyrkyma haçan gelýändigi görkezilýär. Güýz gyrkymynda ilki ene goýunlar, soňra goçlar, iň soňunda ýaş mallar we toklular gyrkylýar. Deri keseli (gotur we ş.m.) bolan dowarlar hemme mallardan soňra gyrkyzlýar.

Gyrkym dowarlar aç garna geçirilse, olaryň bedenine agram düşmeýär. Ýüňüň ýokary hilli we arassa bolmagy üçin goýunlar gyrkylmazyndan öň olary suwa düşürmek gerek. Goýunlaryň güýz gyrkymyny öz wagtynda geçirmeli. Sebäbi dowarlar ir gyrkylsa, tomsuň ýiti Güneşine olaryň endamynyň ýanmagy mümkin, eger-de giç gyrkylsa, gijeleriň sowamagy sebäpli mallaryň sowuklamagy mümkin. Aýratyn-da, ýaş toklular yssa we sowuga dözümsiz bolýarlar. Dowarlaryň güýz ýüňüniň wagtynda gyrkylmagy ene goýunlaryň we işşekleriň höwür möwsümine çenli tiz guratlanmagyna we sagdyn owlak-guzularyň alynmagyna täsir edýär.

**Tagangeldi ENNEDOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# Milli öwüşginli nagyşlar

*Türkmen halkynyň baý taryhy bolup, her bir milli eserini sungat derejesine ýetirmegi başarypdyr. Nagyşçylyk, bezegçilik sungatyny kämilleşdirmekde hem halkymyz uly meşhurlyk gazanypdyr. Nagyşçylyk, bezegçilik gadymyýetden gözbaş alyp gaýdyp, türkmen halkynyň nepis halylaryna, egin-eşiklerindäki nagyşlaryna, zergär önümleriniň nagyşlaryna siňipdir.*

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň merkezi ylmy kitaphanasynyň türkmen edebiýaty we seýrek neşirler bölüminde nagyşlar baradaky kitaplar saklanýar. Metaldan, daşdan, bişirilip ýasalan senetçilik önümleri türkmen halk çeperçilik sungatynyň iňňän gadymdan gelýändigini görkezýär. Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýiniň hemişelik sergi zallarynda, şeýle-de gaznasynda keramikadaky nagyşlardan başlap, amaly-haşam sungatynyň önümlerine siňen nagyşlar goralyp saklanýar we ylmy esasda öwrenilýär. Türkmen halkynyň amaly-haşam sungaty köp ugurly bolup, haly, keçe, egin-eşik, zergärçilik sungatyndaky nagyşlar özüniň köpdürlüligi, her nagşyň bir many aňladýanlygy bilen tapawutlanýar. Nagyşlar çeper elli gelin-gyzlarymyzyň zehininden, ugurtapyjylygyndan döräpdir. Olar durmuşdaky wakalary, tebigatyň täsin ösümlikdir, haýwanat dünýäsini, geometrik şekilleri, hyýaly şekilleri sünnäläp, nagyş görnüşine getiripdirler. Milli gözellik gelin-gyzlarymyzyň owadan lybaslarynda, ussat zergärleriň olar üçin niýetläp ýasan altyn-kümüş bezeg şaýlarynda jemlenen bolsa gerek. Nagyşlaryň şeýle köpdürlüligini, daşky dünýä bilen baglanyşygyny olaryň atlaryndan hem bilse bolýar: «dagdan», «goçak», «güjük yzy», «ak guw», «daragt», «erik gül», «pür-pudak», «arman», «çarhy pelek» ýaly ajaýyp nagyşlar häzirki günlere çenli ähmiýetini ýitirmän gelipdir. Gadymy nusgalaryň täze nagyşlar bilen utgaşdyrylmagy, täze biçüwler bilen sazlaşdyrylmagy bolsa olary has-da göze ýakymly görkezýär. Müňýyllyklaryň yzy galan nagyşlaryň, keşdeleriň nepisligi,



inçeligi görenleri haýrana goýýar. Olaryň türkmen gelin-gyzlarynyň eneden gyza, gelinden baldyza geçip gelýän el hünäridigi hemmämize mälim hakykat. Gyzjagazlar keşde öwrenende ilkinji keşdelän zadyny ilime-günüme peýdaly bolsun diýip obadaky sylanýan garry enä berip, onuň alkyş-dogasyny alypdyrlar. Şeýdibem eli çeper gyzlar bolup ýetişipdirler. Gözellik bir umman, onuň aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýär.

Ene-mamalarymyzyň sünnäläp çeken keşdeleri, dokan halylary we beýleki el işleri gadym döwürlerden bäri dünýä ýüzünde tanalyp, uly meşhurlyga eýe bolupdyr. Olar asyrlardan asyrlara geçip, aýawly saklanyp, biziň günlerimize gelip ýetip, barha kämilleşýär, döwrebaplaşýar. Gözellikde taýy bolmadyk zenanlaryň on barmagynyň hünärinden, ýürek arzuwyndan döräň keşdeler türkmen zenanynyň durmuşyny, dünýäsini bezemek bilen onuň kalbyna gözellik çoýýar.

Özünde ajaýyp bir dünýäni janlandyrýan zenanlarymyzyň ylhamyndan dörän nagyşlar gadymy gymmatlyklarymyzyň naýbaşysydyr. Nagyşlarda türkmen zenanynyň eliniň çeperligini, sabyr-takadyny, kanagatlylygyny görmek bolýar. Zenanlarymyzyň on barmagynyň hünäri bilen döreýän, kalbynyň nury siňen, älemgoşar öwüşginli ajaýyp keşdeler babatda hem şeýle. Toý lybasyny geýen gelin-gyzlarymyzy ýa-da dükanlarymyzy bezeýän milli lybaslarymyzy göreniňde, olary synlap doýmaýarsyň. Olary döredýän zenanlaryň çeperligine haýran galýarsyň.

Häzirki wagtda halkymyzyň baý durmuş tejribesi esasynda toplanan, jemgyýetiň ruhy baýlyklarynyň aýrylmaz bölegine öwrülen gymmatlyklarymyzy öwrenmek, olaryň gadymy nusgalaryny ýüze çykarmak, hasaba almak we geljekki nesillerimize ýetirmek ugrunda yzygiderli tagallalar edilýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz milli mirasymyzy ösdürmäge uly ýol açdy. Asyl nusgadaky biçüwlerdir keşdeler ýitirilmän, has-da kämilleşdirilip zenanlarymyzyň gül keşbini has-da gözelleşdirýär.

**Nartäç ABDYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň merkezi ylmy kitaphanasynyň esasy kitaphanaçysy.*

# Sungat köprüsiniň söýgi gulplary



Fransiýa syýahatçylyk babatda öňdebaryjy ýurtlaryň biri bolup, birnäçe binagärlik gurluşy bilen tapawutlanýar. Meşhur Eýfel diňi, Mon-Sen-Mişel galasy, Şambor köşgi, Ženewa kölüniň kenary, dünýäniň «atyr paýtagty» Gras şäheri, Lion hem-de Strasburg taryhy şäherleri, Şamoni lyža şypahanasy, Wersal labirint bagy syýahatçylaryň iň gelim-gidimli ýerleridir. Fransuz instituty bilen Luwruň merkezi meýdançasyny birleşdirýän «Pont des Arts» pyýada köprüsi hem uly meşhurlyga eýedir. Sena derýasynyň üstünden geçýän bu köpri 1802-1804-nji ýyllar aralygynda gurulýar. «Sungat köprüsi» adyny alan pyýada geçelgesi şol döwürde gurlan ilkinji metal köpri bolupdyr. 1975-nji ýylda Fransiýanyň milli taryhy ýadygärlikleriniň hataryna goşulan bu köpri sungat sergileriniň mekanyna öwrülýär. 1991-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilmegi bilen sungat köprüsiniň meşhurlygy has-da artyp başlaýar.

2008-nji ýylda ýaş jahankeşdeleriň arasynda öz atlary ýazylan gulplary sungat köprüsine dakyp, açaryny Sena derýasyna oklamak däbi başlanýar. Fransuz medeniýetinde beýle däp bolmasa-da, şondan soňra bu dessur wepaly söýginiň alamaty hasaplanyp başlanýar. Jahankeşdeleriň köp sanlysynyň Fransiýa syýahat etmegi bilen gulplaryň sany 700 müňden hem geçýär. Bu ýagdaý estetiki gözelligi döredip, 2014-nji ýyldan soň köprä gulp asmak däl-de, selfi düşmek ýörgünli däbe öwrülýär.

Fotosuratçylaryň we suratkeşleriň panoramasyna öwrülen sungat köprüsi birnäçe çeper eserlerde, hatda kinofilmlerde hem uly orun aldy. «Sungat köprüsi» hekaýasy esasynda surata düşürilen filmde (2004ý.), «Sabrina» filminiň (1995ý.) soňky sahnasynda, Golliwudyň «Häzir meni görersiň» filminde (2013ý.) sungat köprüsini meşhurlygy görkezilýär.







# «VOLKSWAGEN»-IŇ MAHABAT DIŇLERI



Germaniýanyň Wolfsburg şäherindäki «Volkswagen» zawodynyň golaýynda «Autostadt» (awtoulag şäherjigi) ýerleşýär. «Autostadt» iki sany köp gatly aýna minaradan ybarat bolup, kompaniýanyň täze öndürilen modelleri şol ýerde witrina çykarylýar. Silindr görnüşli, merkezinde ulaglary ýokary göterip, aşak düşürýän özboluşly lifti bolan bu binalaryň beýikligi 60 metr bolup, her birine dört ýüzden gowrak ulag ýerleşýär. Binalaryň gurluşygynda esasy serişde hökmünde aýna ulanylypdyr. Ýagny binanyň içinden daşyny, daşyndan içini synlap bolýar. Ýerli ýaşaýjylar minaralary «awtoulag duralgasy» diýip atlandyrsalar-da, bular «Volkswagen»-iň täze önümlerini mahabat edýän ýeridir. Minaralar 700 metrlik ýerasty tunnel arkaly zawoda birigýär. Zawoddan çykan «wolkswagenler» tunneldäki relslere münüp, ýerzeminden göni mahabat binasyna gelýär. Bu ýerde täze ulaglar sekuntda iki metr tizlik bilen hereket edýän lift arkaly ýokary galdyrylyp, ýerli-ýerine goýulýar. Ulgamyň esasy aýratynlygy täze awtoulaglary hiç hili herekete getirmezden, müşderilere bermekdir. Ýagny satyn alyjy awtoulagyň geçen ýoluny noldan herekete getirip başlaýar.



2000-nji ýylda gurlan mahabat minaralaryna ýylda 2 million töweregi müşderi gelýär. Bu ýerde awtoulag muzeýi, uly kinoteatr, awtoulag brendleriniň pawilionlary bolup, binanyň özboluşly aýratynlyklary bilen tanyşdyrylýan 15-20 minutlyk gezelençler guralýar. Otaglaryň biri komýuterler bilen abzallaşdyrylyp, müşderiler «Volkswagen»-iň modelleriniň tehniki we bezeg aýratynlyklary bilen içgin tanşyp bilýärler. Myhmanlar aýna liftler arkaly binanyň iň ýokarky – 20-nji gatyndaky synlaýyş otagyna baryp aşaklygyna seredenlerinde binanyň içindäki täsin gurluşa şaýat bolýarlar. Mundan başga-da, müşderiler zawoda baryp, satyn alýan ulaglarynyň önümçilik pursatlaryny hem synlap bilýärler. «Autostadt» diňi diňe bir müşderileriň ünsüni özüne çekmän, syýahatçylyk babatda hem meşhur ýerleriň biridir.

# SAGLYK ÜÇIN PEÝDALY ÇAÝ



Çopantelpek dermanlyk ösümlikleriň biri bolup, halk lukmançylygynda asyrlarboýy agyryny gowşadyjy, köşeşdiriji, damar giňeldiji hem-de sowuklama garşy tebigy serişde hökmünde ulanylypdyr. Bu dermanlyk otunyň guradylan güllerinden demlenen çaý has-da peýdalydyr. Çopantelpekli çaýyň düzüminde antioksidantlaryň köp mukdary saklanyp, birnäçe gaýra üzülmeleriň öňüni alýar.

**Ukusyzlyga peýdaly.** Alymlar ukusyzlykdan ejir çekýänlere çopantelpekli çaý içmegi maslahat berýärler. Bu melhem çaýy dartgynlylygyň derejesini azaldyp, adamyň rahatlanmagyna kömek edýär. Şeýle hem beýnidäki gan aýlanyşyny kadalaşdyrýar.

**Iýmit siňdirişi kadalaşdyrýar.** Geçirilen barlaglaryň netijesinde çopantelpekli çaýyň aşgazan-içege ulgamynyň işini ýeňilleşdirýändigi ýüze çykaryldy. Bu melhemiň içgeçmä, çişmä garşy häsiýetleri bolup, aşgazandaky kislotany azaldýandygy sebäpli, ýaralaryň çalt bitmegine-de haýyrlydyr.

**Kesellerden goraýar.** Çopantelpekdäki antioksidantlar ýürek-damar ulgamynda hem-de düwnük öýjüklerinde duş gelýän alamatlary azaldyp, ýüregiň kadaly işlemegine, gan aýlanyşynyň kadaly derejede saklanmagyna kömek edýär. Şeýle hem gandaky şekeriň köpelmeginiň öňüni alyp, aşgazanasty mäziniň öýjüklerine zeper ýetmekden goraýar.

Çopantelpek önümçilik pudagyndaky çig mallaryň biri bolup, parfýumeriýa serişdelerini taýýarlamakda efir ýagyndan peýdalanylýar. Şeýle hem bu ösümligiň güllerinden gijilewükli täsirlere garşy biologik şampun hem öndürilýär.

## ÇAGALAR

✓ 1936-njy ýylda Berlin tomusky Olimpiýa oýunlarynyň käbir bölekleriniň telewizorda görkezilmegi bilen, bu enjama bolan isleg has-da ýokarlanýar.

# TEBIGATDA SEÝREK DUŞ GELÝÄN «AKLAR»

**Janly-jandarlaryň ýaşaýan ýerine we genetikasyna görä hersiniň özüne mahsus beden aýratynlyklary bar. Şeýle aýratynlyklaryň biri hem reňk sazlaşygy bolup, her bir jandar öz garşydaşyndan, ýagny howp abanýan zadyndan goranmak üçin ot-çöpüň, agaçlaryň, ýapraklaryň reňkine görä keşbini üýtgedýär. Bu hadysa köp jandarda dogabitdi bolup, käbirinde pasyllaryň çalyşmagy, ot-çöpleriň guramagy ýaly tebigy özgerişlikleriň netijesinde hem üýtgäp bilýär. Adatça, gaplaňy goňrumtyl-mämişi, gara zolakly, kenguruny çal, pili garamtyl-mele, žirafy sarymtyl-goňur şekilde göz öňüne getirýäris. Ýöne bularyň seýrek ýagdaýda ak görnüşde dogulýanlary hem bar. Muňa albinos diýilýär. Albinos genetik mutasiýa sebäpli melanin öndürýän fermentleriň peselmegi arkaly ýüze çykyp, deridäki, tüý örtügindäki hem-de gözdäki pigmentler ýitip gidýär.**





**Gaplaň.** Eger-de tokaý jandarlarynyň arasynda gözellik bäsleşigi geçirilse, ak gaplaň bu bäsleşigiň ýeňijisi bolar. Ak gaplaň kontinental toparyň bengal gaplaňlarynyň kiçi görnüşiniň arasynda seýrek ýagdaýda duş gelýär. Käbir bilermenler olary aýratyn görnüş hökmünde belleseler-de, dünýäde gaplaňlaryň iki topary (kontinental we Sunda) bar. Genetik mutasiýanyň netijesinde mämişi reňk pigmentlerini ýitirip, gara zolaklar bilen sazlaşykly ak sütükli gaplaň döräpdir. Bu birnäçe ýylyň dowamynda käwagt duş gelýän hadysadyr. Ak gaplaň ilkinji gezek 1951-nji ýylda Hindistanda tapylyp, öý şertlerinde ulaldylan ýyrtyjyny «Mohan» diýip atlandyrýarlar. Tebigaty öwrenijileriň bellemegine görä, soňky ýyllarda ak gaplaňlara ýabany tebigatda duş gelinmeýär. Häzirki wagtda olaryň ählisi haýwanat baglarynda saklanýar.

**Kenguru.** Awstraliýanyň Kwinslend sebitinde adaty kengurular bilen bilelikde ak kenguru hem ýaşaýar. Ýabany tebigaty öwrenijiler: «Albinos kenguru çal reňkli ýoldaşlaryndan düýpgöter tapawutlanýan owadan ak sütüge eýedir. Bu kenguru köpçüligi geň galdyrýar» diýip belleýärler. Ak kenguru «Namaji» milli seýilgähinde idedilýär.

**Ak žiraf** häzirki wagtda Keniýanyň demirgazyk-gündogaryndaky Garissa etrap seýilgähinde ýaşaýar. Tebigaty goraýjylaryň pikiriçe, žirafyň genetikasyndaky leýkizmiň artmagy bilen deridäki pigmentler ýitip, ak žiraf döräpdir. Ak žiraflara ilkinji gezek 2016-njy ýylda Tanzaniýada görleninden iki aýdan soň, Keniýada hem duş gelinýär. Iň uzyn boýly süýdemdirijiler bu ýurtda goralyp, Tebigaty goramak boýunça halkara bileleşiginiň sanawyna girizilendir.

**Pil.** Ilkibaşda tebigaty öwrenijiler we syýahatçylar ak pillere gabat gelenlerinde, olary ak daşdan ýasalan heýkeldir öýdüpdirler. Ak piller Afrikanyň demirgazygyndaky Namibiýanyň «Etoşa» milli seýilgähinde süri bolup ýaşaýarlar. Adaty piller tomsuna Günden goranmak üçin suw oýtumlaryna baryp ak toýnuň palçygyny endamyna çalýarlar. Endamynda gatap galan palçyk olary ak pillere meňzedip görkezýär. Ýöne olary tapawutlandyrmak kyn däl. Ak piller «Etoşa» milli seýilgähinden başga-da, Mýanmada, Tailandda seýrek ýagdaýda duş gelýär.







# Özüň ýasasaň başgaça

Oýlap tapyşlar siziň başarnyklaryňyzy artdyrmak bilen bir hatarda, täzeçe taslamalary işläp düzmäge höweslendirer. Ýagny pikiriňizdäki haýsydyr bir zady ýasap, ony tejribe arkaly synagdan geçirip bilersiňiz. Bu usul siziň geljekde meşhur ynsanlar bolup ýetişmegiňizdäki ilkinji ädimlerdir. Çagalykdan el hereketlerini kämilleşdirmegi endik ediniň! Bu siziň özüňize bolan ynamyňyzy has-da artdyryp, «Men muny başarýan» duýgusy dörär. Bilermenleriň bellemeklerine görä, çagalar taýýar oýnawaçlara görä, özleriniň ýasan oýnawaçlaryna has uly ähmiýet berýärler. Gazetimiziň şu sanynda şar bilen hereket edýän awtoulagyň ýasalyşyny siziň dykgatyňyza ýetirýäris.

Şar bilen hereket edýän awtoulagyň ýasalyşy ýönekeý bolup, gaty gyzykly güýmenjeleriň biridir. Bu oýnawajy ýasamak üçin bize plastik gap, 4 sany gapajyk, orta ululykdaky şar, 2 sany göni çöpjagaz (taýajyk), içi boş turbajyklar, gaýçy, gysgyç, ýelimli lenta (skoç) ýa-da rezin ýüpjagazlar gerek.

Geliň, onda oýnawajy ýasamaga girişeliň! Ilki bilen plastik gabyň orta bilinden biraz aşagrakdan deň aralygy ölçäp, keseligine çöpjagazlary (turbajyk) geçirmeli. Munuň üçin bize metal deşiji enjam gerek bolup biler. Ýöne bu enjamy seresaply ulanmagy ýatdan çykarmaň! Soňra gapajyklaryň merkezini deşip, plastik gapdan geçirilen daşy turbajykly çöpjagazlaryň ujuna berkitmeli. Görşümiz ýaly, ulagymyzyň tigirleri taýyn boldy.

Soňra dik ýokarsyndan içi boş turbajygy geçirip, ony plastik gabyň gapagyndan çykarmaly. Turbajygyň ýokarky ujuna şary berkitmeli. Munuň üçin rezin ýüpjagazlardan ýa-da ýelimli lentadan peýdalanmaly. Soňra turbajyk arkaly şary çişirip, agzyny gysgyç bilen ýapyň! Ine, awtoulag oýnawajymyz taýýar boldy. Ony tekiz ýerde goýup, gysgyjyny aýryň hem-de awtoulagyňyzyň özboluşly hereketini synlap, lezzet alyň! Şaryň içindäki howa hereketlenmäni üpjün edip, oýnawajyňyz saklanansoň, ýene-de şary çişirip, awtoulagyň ýöremegi üçin bu amaly birnäçe gezek gaýtalap bilersiňiz. Awtoulag oýnawajyny ýasaýarkaňyz ulular bilen maslahatlaşmagy, olaryň kömeginden peýdalanmagy ýadyňyzdan çykarmaň!

# KIM, HAÇAN OÝLAP TAPDY?



**TELEWIZOR. Irki döwürlerde adamlarda wagtyny gyzykly we şatlykly geçirmekleri üçin şekilli güýmenjeleriň zerurlygy ýüze çykypdyr. Şeýlelikde, ýönekeýje sahna eserleri peýda bolup, keşpleri janlandyrýan ilkinji artistler döreýär. Wagtyň geçmegi bilen has-da kämilleşdirilen teatr eserleri (komediýa, tragediýa) kino sungatyndaky ilkinji ädimlere itergi berýär. Ýazga alnan şekilli hereketlere soňundan haýsydyr bir enjam arkaly tomaşa edip boljakdygy hakyndaky pikirleriň orta atylmagy bilen dünýäniň birnäçe ýerinde «güýmenje gutusyny» oýlap tapmaklyga girişilýär.**

Telewizor gelýän ses we şekil ýygylygyny elektromagnit tolkunlary arkaly kabul edip, ýagtylygyň kömegi bilen ekranda şekilleri görmäge mümkinçilik berýän elektron enjamdyr. Telewizor bilen monitor biri-birinden tapawutlanýan enjamlar bolup, olaryň oýlanyp tapylyşy barada dürlüçe çekişmeler bar. «Telewizor» adalgasy grekleriň «tele» hem-de latyn diliniň «visio» sözleriniň goşulmagyndan gelip çykyp, «görmek» diýen manyny berýär.

Maglumatlara salgylansak, ilkinji monitor 1923-nji ýylda Angliýada oýlanyp tapylýar. Şotland inženeri Jon Berd oýlap tapan enjamyny has-da kämilleşdirip, ak-gara nokatlardan düzülen, radionyň ululygyndaky ilkinji telewizory işläp düzýär. 1926-njy ýylda Berdiň ilkinji teleýaýlymy açmagy bilen bu enjamyň meşhurlygy artyp başlaýar. 1936-njy ýylda Berlin tomusky Olimpiýa oýunlarynyň käbir bölekleriniň telewizorda görkezilmegi bilen, bu enjama bolan isleg has-da ýokarlanýar.

1950-nji ýyllarda ABŞ-da telewizorlar öndürilip, ilkinji gezek köpçülikleýin satuwa çykarylýar. 1960-njy ýyllarda teleýaýlymlar reňkli görnüşe geçýär. Bu ýagdaý müşderileriň gyzyklanmasyny has-da artdyryp, öýleriň köpüsinde telewizorlar peýda bolup başlaýar.

Ilkinji telewizorlarda ýaýlymy üýtgedip bolýan düwmeler bolup, tomaşaçy başga ýaýlyma geçirip görmek üçin her gezek ýerinden turmaly bolýar. «Güýmenje gutusynyň» oýlanyp tapylmagyndan 20 ýyldan soň uzakdan dolandyrylýan kabelli pult işlenip düzülýär.

Jon Berd tarapyndan oýlanyp tapylan «güýmenje gutusy» ençeme ýyllardan bäri öýlerimizi bezeýär. Ak-gara ekrandan başlap, tehnologiýanyň ösmegi bilen şu günki görnüşe getirilen telewizorlar adamlaryň wagtyny gyzykly we medeniýetli geçirmeklerine ýardam edýär. Köpleriň iň ýakyn dostuna öwrülen bu enjamlaryň häzirki wagtda dürli ölçegdäki plazma ekranly, ýokary durulykly, LCD (suwuk kristal görkezijili) görnüşleri bar. Mundan başga-da, sensorly, USB porty bolan, hatda üm hereketleri arkaly dolandyrylýan «akylly» telewizorlar hem öndürilýär.

**Sudoku**

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 6 | 4 | | | | |
| | | | 6 | | 3 |
| | | 2 | 4 | 5 | |
| | | 5 | | | 6 |
| 1 | 3 | 4 | 2 | | |
| 2 | | | 1 | | |

**Labirint**






**Binox**

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| O | | | X | X | |
| | | X | | | O |
| | O | | | | |
| X | | | | O | |
| X | | | O | O | |
| | | O | | | X |



Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# Nobeliň edebiýat baýragynyň şu ýylky eýesi

2022-nji ýylyň edebiýat boýunça Nobel baýragyna fransiýaly ýazyjy zenan Anni Erno eýe boldy. Bu barada Şwesiýa akademiýasynyň Nobel komiteti oktýabr aýynda mälim edipdi. Nobel komiteti Anni Ernonyň «üzňeleşmegiň we şahsy hakydanyň köpçülikleýin çäklendirilmeginiň asyl köklerini açyp görkezmekdäki batyrgaýlygy we ötgürligi üçin» bu baýraga mynasyp görlendigini belledi. Komitetiň belleýşi ýaly, Anni Erno özüniň döredijiliginde gender, dil we synpy aýratynlyklary bilen tapawutlanan durmuşy tutanýerlilik bilen dürli tarapdan öwrenýär. «Onuň ýazyjylyga tarap barýan ýoly uzak we kötel boldy» diýip, hünärmenler nygtaýar.

– Edebiýat dünýäsinde tanalýan bu ýazyjy zenanyň eserleri dünýäniň dürli dillerine terjime edilip, halk köpçüligine ýetirildi – diýip, Nobel komitetiniň başlygy Anders Ulsson belledi.

Anni Erno 1940-njy ýylyň 1-nji sentýabrynda Normandiýa sebitiniň Lillbonn şäherinde dünýä indi. Ilkinji romany «Boş şkaflar» 1974-nji ýylda neşir edildi. Ýazyjynyň beýleki meşhur eserleriniň arasynda «Daşarky durmuş», «Adaty hyjuw», «Durmuşdaky orun» we «Ýyllar» göze ilýär. Ýazyjynyň eserleri, esasan, awtobiografik häsiýete eýe. Ernonyň «Waka» atly kitaby esasynda döredilen adybir filmi (2021) Wenesiýa film festiwalynda «Altyn ýolbars»



baýragyna eýe boldy. Onuň galamyna 30-dan gowrak eser degişlidir. Erno Serži-Pontuaz uniwersitetiniň hormatly lukmany bolup, «Renoda» we «Margerit Dýuras» baýraklary ýaly birnäçe edebi baýraklaryna mynasyp boldy.

Geçen ýyl bu baýraga tanzaniýaly Abdulrazak Gurna eýeläpdi. Baýrak gowşurylyş dabarasy 10-njy dekabrda Şwesiýanyň paýtagty Stokgolmda geçiriler.

# Fransiýaly ýazyja ýokary sylag





Fransiýaly ýazyjy zenan Brižit Žiro Gonkur baýragyna mynasyp boldy. Bu barada Gonkur edebiýat baýragynyň akademiýasynyň web saýty habar berýär.

Ýazyjy zenanyň «Çalt ýaşamak» (Vivre vite) atly kitaby 2022-nji ýylda fransuz dilindäki iň gowy eser diýlip yglan edildi. «Brižit Žiro Gonkur baýragynyň taryhynda bu baýraga mynasyp görlen on üçünji zenan ýazyjy boldy» diýip, filologiýa ylymlarynyň doktory Pol Konstan aýtdy. Bu romanda ýazyjy zenanyň ýanýoldaşynyň 1999-njy ýylda awtoulag heläkçiliginde gurban bolmagyna getiren wakalar barada gürrüň berilýär.

# Ilkinji romanyny çap etdirmekçi

Amerikan aktýory Tom Henks özüniň «The Making of Another Major Motion Picture Masterpiece» (Nobatdaky ajaýyp iri kino eserini döredip) atly ilkinji romanyny 2023-nji ýylyň maýynda çap etdirmekçi. Ol bu barada «People» neşiri bilen söhbetdeşliginde habar berdi.

Eseriň wakalary üç sany wagt çäginde: 1940-njy, 1970-nji we häzirki döwürde bolup geçýär. Roman 2023-nji ýylyň 9-njy maýynda satuwa çykarylar. Golliwud ýyldyzynyň muşdaklary onuň romanyny okamaga sabyrsyzlyk bilen garaşýarlar.

2017-nji ýylda Tom Henks özüniň ilkinji kitabyny – «Özboluşly nusga. Ol-bu barada gürrüňler» atly hekaýalar ýygyndysyny çap etdiripdi.





# 65-nji «Gremmide» Beýonse 9 ugurdan dalaşgär görkezildi

Aýdym-saz äleminiň iň uly baýragy hasaplanýan «Gremmi» baýraklarynyň bu ýylky dalaşgärleri mälim edildi. 65-nji gezek gowşuryljak «Gremmi» baýraklarynda iň köp ugurda Beýonse dalaşgär görkezildi. Meşhur zenan aýdymçy jemi 9 ugurdan dalaşgärlige hödürlendi. Kendrik Lamar 8, Adel bilenem Brendi Karlaýl 7 ugur boýunça dalaşgär görkezildi.





Ýylyň albomy diýlen ugur boýunça ABBA-nyň «Voyage», Adeliň «30», Bad Bunny-nyň «Un verano sin ti», Beýonseniň «Renaissance», Meri J. Blaýžyň «Good Morning Gorgeous», Brendi Karlaýlyň «In These Silent Days», «Coldplay»-yň «Music of the Spheres», Kendrik Lamaryň «Mr. Morale & the Big Steppers», Lizzonyň «Special», Harri Staýlzyň «Harry's Home» atly albomlary dalaşgärlige hödürlendi.

Ýylyň ýazgysy diýlen ugurda-da ABBA-nyň «Don't Shut Me Down», Adeliň «Easy on Me», Beýonseniň «Break My Soul», Meri J. Blaýžyň «Good Morning Gorgeous», Brendi Karlaýlyň «Lucius» topary bilen bilelikde ýerine ýetiren «You and Me on the Rock», Doja Cat-yň «Woman», Stiw Leýsiniň «Bad Habbit», Kendrik Lamaryň «The Heart Part 5», Lizzonyň «About Damn Time», Harri Staýlzyň «As It Was» atly aýdymlary dalaşgär diýlip bellenildi.

Ýylyň aýdymy baýragyna-da Gaýleniň «ABCDEFU», Lizzonyň «About Damn Time», Teýlor Swiftiň «All Too Well», Harri Staýlzyň «As It Was», Stiw Leýsiniň «Bad Habbit», Beýonseniň «Break My Soul», Adeliň «Easy on Me», DJ Khalediň «God Did», Kendrik Lamaryň «The Heart Part 5» hem-de Bonni Raittiň «Just Like That» ýaly aýdymlaryň haýsy hem bolsa biri mynasyp bolar.

Iň gowy täze aýdymçy baýragy ugrunda-da Anitta, Omar Apollo, «Domi and JD Beck», Samara Joý, Latto, «Maneskin», Muni Long, Tobe Nwigwe, Molly Tuttle hem-de «Wet Leg» ýaly aýdymçydyr toparlar dalaşgär görkezildi.

Bulardan başga-da, aýdym-saz dürli görnüşleri boýunça dürli ugurlarda dalaşgärler hödürlendi. 65-nji «Gremmi» baýraklarynyň ýeňijileri 2023-nji ýylyň 5-nji fewralynda Los Anjelesdäki «Crypto.com Arena»-da geçiriljek dabarada mälim ediler.

# Teýlor Swift 6 heýkeljige mynasyp boldy

Aýdym-saz äleminiň başga bir abraýly baýraklaryndan hasaplanýan Amerikan aýdym-saz baýraklarynyň bu ýylky ýeňijileri mälim edildi. 50-nji gezek gowşurylan baýraklaryň iň köp sylagly aýdymçysy Teýlor Swift boldy. Mundan 2 hepde öň MTV Ýewropa aýdym-saz baýraklaryndan hem



4 heýkeljik bilen dolanan meşhur aýdymçy Los Anjelesde geçirilen dabarada 6 heýkeljige mynasyp görüldi. Ol ýylyň sungat işgäri, iň gowy şekilli aýdym («All Too Well: The Short Film»), iň gowy zenan pop aýdymçysy, iň gowy pop albom («Red (Taylor's Version)»), iň gowy kantri zenan aýdymçysy, iň gowy kantri albom («Red (Taylor's Version)») ýaly ugurlarda ýeňiş gazandy. Dabarada Dow Kameron ýylyň täze sungat işgäri diýlip saýlandy. Aýdym-sazyň pop görnüşinde BTS, Harri Staýlz dagy dürli baýraklara mynasyp boldy. Hip-hop görnüşinde Kendrik Lamara 2, Niki Minaža 1 heýkeljik gowşuryldy. Beýonse R&B görnüşinde iň gowy zenan aýdymçy hem-de iň gowy albom ugurlaryndan Amerikan aýdym-saz baýraklarynyň heýkeljikleri bilen sylaglandy.

# Ýewropanyň iň gowy filmi

Ýewropanyň Oskary hasaplanýan Ýewropa film akademiýasynyň bu ýylky baýraklarynyň dalaşgärleri belli boldy. 35-nji gezek gowşuryljak baýraklarda



iň gowy film diýen ugurda ispaniýaly zenan režissýor Karla Simonyň «Alkarras» (Alcarras), belgiýaly režissýor Luka Dontuň «Ýakyn» (Close), awstriýaly zenan režissýor Marie Kroýtseriň «Korsaž» (Corsage), eýranly režissýor Ali Abbasiniň «Keramatly möý» (Holy Spider) hem-de şwesiýaly režissýor Ruben Estlundyň «Tukatlygyň üçburçlugy» (Triangle of Sadness) filmleri dalaşgärlige hödürlendi. Iň gowy režissýor baýragyna-da Luka Dont, Marie Kroýtser, Ali Abbasi, Ruben Estlund dagy ýokarda ady agzalan filmleri üçin, şol sanda «Ia» (Io) filmi üçin polşaly Ýerzi Skolimowski, «Sent Omer» (Saint Omer) filmi üçinem fransiýaly Alis Diop dalaşgär görkezildi.



Iň gowy aktýor baýragyna Pol Meskal («Aftersun»), Eden Dambrin («Close»), Elliott Kosset How («Godland»), Pierfrançesko Pawino («Nostalgia») hem-de Zlatka Buriç («Tiangle of Sadness»), iň gowy aktrisa baýragyna-da Wiki Krips («Corsage»), Zar Amir Ebrahimi («Holy Spider»), Lea Seýdu («One Fine Morning»), Penelope Kruz («Parallel Mothers»), Meltem Kaplan («Rabiye Kurnaz vs. George W. Bush) dalaşgär görkezildi. Soňky ýyllarda abraýy has-da artýan Ýewropa film baýraklarynyň bu ýylky ýeňijileri 10-njy dekabrda Islandiýanyň paýtagty Reýkýawikde geçiriljek dabarada mälim ediler.

# «Buker» baýragyna eýe boldy

Şri-lankaly ýazyjy Şehan Karunatilaka «Maali Almeýdanyň ýedi aýy» (The Seven Moons of Maali Almeida) romany üçin 2022-nji ýylyň edebiýat boýunça «Buker» baýragyna mynasyp boldy. Ýazyjynyň bu romanynda 1990-njy ýyllarda Şri-Lankada bolup geçen geň-taň wakalar barada gürrüň berilýär.

Emin agzalarynyň karary Londonda iňlis dilindäki edebiýat boýunça iň abraýly baýragyň gowşurylyş dabarasynda mälim edildi. Baýrak Şa zenany konsort Kamilla tarapyndan ýeňijä gowşuryldy. Baýraga eýe bolan ýazyjy bütin dünýäde ykrar edilmekden hem-de eserleriniň satuwynyň ep-esli artmagyndan başga-da, 50 müň funt sterling (57 müň dollar) pul baýragyna eýe boldy.



Dünýäniň iň abraýly edebi baýraklaryndan biri bolan «Buker» baýragy 1968-nji ýylda döredildi. Ilkinji baýrak gowşurylyş dabarasy 1969-njy ýylda geçirildi. Bu baýrak 2013-nji ýyla çenli Milletler Arkalaşygynyň, Irlandiýanyň ýa-da Zimbabwe ýurtlarynyň birinde ýaşaýan ýazyja berilýärdi. Soňra emin agzalary beýleki ýurtlaryň ýazyjylaryna hem iňlis dilinde ýazylan we Beýik Britaniýada neşir edilen eserleri bilen baýrak almak üçin bäsleşmäge rugsat berdiler.

Geçen ýylyň noýabr aýynda Günorta Afrikaly ýazyjy Deýmon Gelgut üçünji synanyşygyndan soň «Wada» romany üçin bu baýraga mynasyp boldy.

## 52-nji KROSSWORD





**Gurban ÇARYÝEW,** *Türkmenistanyň Ylym we bilim işgärleriniň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Tagtabazar etrap Geňeşiniň başlygy.*

● **DIKLIGINE:** **1.** Hat ugratmak üçin ulanylýan ýazgyn kagyz gap. **2.** Oba hojalyk işlerinde ulanylýan kuwwatly maşyn. **3.** Krokodiliň bir görnüşi. **5.** Durmuşy wakany beýan edýän uly bolmadyk edebi eser. **6.** Düýbi kösüklije, uzyn baldakly, owadan melewşe gülli otjumak ösümlik. **7.** Dünýäde iň uly derýalaryň biri. **10.** «Atamyň atasy, mekan tutasy, daýymyň iberen, ýaşyl ýakasy» (matal). **13.** Tanamaýan adamy bilen edil tanyş ýaly hereket edýän adam. **15.** Tudana meňzeş miwe. **17.** Dünýäde iň uly şaglawuk. **19.** «Kişi ..., ir girip, giç çykar» (nakyl). **21.** Çap etmegiň bir görnüşi. **22.** Erk, ygtyýar.

● **KESELIGINE:** **1.** Ýigrimi kilograma barabar bolan agyrlyk ölçegi. **4.** Minerallaşýan tebigy bikarbonat natriý mineral suwy. **8.** Ýurdumyzda gurluşyk harytlaryny öndürýän kompaniýa. **9.** «Baýlygyň ... zähmetdir» (nakyl). **11.** Türkmen halk ertekisi. **12.** Baglaýjy kömekçi. **13.** Sapaly durmuş. **14.** Öz islegi boýunça, peýwagtyna. **16.** Meşhur italýan suratkeşi ... da Winçi. **18.** Futbolyň bir görnüşi. **20.** «... wepa-da bar, sapa-da» (nakyl). **21.** Tehniki arassalanan alýumin sulfaty. **23.** Kanadada bir şäher. **24.** «Ýüz görüp ... syrma» (nakyl). **25.** Matanyň bir görnüşi. **26.** Genji-..., baýlyk.

51-nji krosswordyň jogaby:



18-nji skanwordyň jogaby:



## 19-njy SKANWORD





**Süleýman MÄMMETMYRADOW,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*



Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

# Katarda futbol baýramçylygy ýokary depginde dowam edýär

### ÝER EÝELERINIŇ ILKINJI ÝEŇLIŞI

● Sabyrsyzlyk bilen garaşylan Katar 2022 Dünýä Kubogyna Katar–Ekwador duşuşygy bilen badalga berildi. Al Hor şäherindäki «Al Baýt» stadionynda geçirilen açylyş dabarasyndan soň oýnalan duşuşyga italiýaly Daniele Orsato eminlik etdi. 67 müň 372 janköýeriň tomaşa eden oýnunda Ekwadoryň ýygyndysy Enner Walensiýanyň 16-njy minutdaky penaltiden hem-de 31-nji minutdaky kelle urgusy bilen geçiren gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşygyň 2-nji ýarymynda Kataryň ýygyndysy-da azda-kände tijense-de, olara ilkinji gezekki Dünýä Kubogy duşuşygynda tapawutlanmak başartmady. Şeýlelikde, Dünýä Kubogynyň taryhynda ýer eýeleri ilkinji duşuşygynda ýeňlişe sezewar boldy. Mundan öňki 21 Dünýä Kubogy ýaryşynda ýer eýeleriniň 16-sy ilkinji duşuşygynda ýeňiş gazanyp, 6-sy deňme-deň oýnapdy (2002-nji ýyldaky Dünýä Kubogy 2 ýurtda geçirilipdi). 2006-njy ýyldan bäri bolsa ýer eýeleri «A» toparçada oýnap, olar açylyş duşuşygynda çykyş edip gelýär.





### MANESIZ SENEGAL SOŇKY MINUTLARDA 2 GOL GEÇIRTDI

● Toparçadaky beýleki duşuşykda Senegal bilen Niderlandlaryň ýygyndylary duşuşyp, bu oýun hem 2–0 hasabynda tamamlandy. Duşuşygyň ahyrky minutlarynda Kodi Gakpo we Dewi Klaasseniň gollary bilen 2–0 ýeňiş gazanan Niderlandlaryň ýygyndysy çempionata 3 utuk bilen başlady. Duşuşykda erjel oýun görkezen Niderlandlaryň derwezeçisi Andris Noppert milli ýygyndynyň düzüminde ilkinji gezek meýdança çykdy. Şeýle-de, Lui Wan Gaal milli topardaky 38-nji ýeňşini gazanyp, bu ugurda Dik Adwokatyň rekordyny täzeledi.

### ANGLIÝANYŇ ÝYGYNDYSYNYŇ ULY HASAPLY ÝEŇŞI

● «B» toparçada Angliýa bilen Eýranyň ýygyndylarynyň duşuşygynda 8 gol hasaba alyndy. Olaryň arasyndaky ilkinji duşuşyga 45 müň 344 janköýer tomaşa edip, Angliýanyň ýygyndysy uly hasap bilen, 6–2 hasabynda ýeňiş gazandy. Oýnuň her ýarymynda 3 gol geçiren Angliýanyň ýygyndysynyň gollaryny Jud Bellingam (35), Bukaýo Saka (43, 62), Rahim Sterling (45), Markus Reşford (71) hem-de Jek Griliş (90) geçirdi. Eýranyň ýygyndysynyň gollaryny-da 65-nji minutda hem-de 90+13-nji minutda penaltiden Mehdi Taremi derweze girizdi. Oýnuň 1-nji ýarymynda Eýranyň derwezeçisi Beýranwandyň şikes almagyndan soň 1-nji ýarymyň ahyryna emin 14 minut goşdy. 2-nji ýarymyň ahyryna-da şikesler sebäpli 10 minut goşuldy. Emin duşuşyga jemi 27 minut goşdy. Duşuşygyň 90+7-nji minutynda Serdar Azmunyň urgusy ýokarky sütünden meýdançanyň daşyna gitdi.

«B» toparçada beýleki duşuşykda ABŞ bilen Uelsiň ýygyndylary özara güýç synanyşdy. Çekeleşikli geçen oýun 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy. Oýnuň 36-njy minutynda Timoti Wea ABŞ-ny 1–0 öňe saýlady. Duşuşygyň tamamlanmagyna 8 minut galanda-da, tejribeli ýyldyz oýunçy Garet Beýl penaltiden geçiren goly bilen hasaby deňlemegi başardy. Şeýlelikde, duşuşyk 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy. Timoti Wea Afrika futbolynyň ägirdi, häzirki wagtda Liberiýa döwletiniň Prezidenti bolan Jorj Weanyň ogly bolup, ol Dünýä Kubogynda «Altyn top» baýragyny gazanan futbolçynyň ogly hökmünde tapawutlanan ilkinji futbolçy diýlip hasaba alyndy. Garet Beýl bolsa 64 ýyldan soň Dünýä Kubogynda gol geçiren ilkinji uelsli futbolçy boldy.

### GARAŞYLMADYK NETIJE – 1

● Katar 2022 Dünýä Kubogynyň ilkinji uly garaşylmadyk netijesi çempionatyň 3-nji gününde hasaba alyndy. «C» toparçada çempionlygyň iň esasy dalaşgärlerinden diýlip görkezilýän Argentinanyň ýygyndysy «Lusail Iconic» stadionynda Saud Arabystany bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýnuň 10-njy minutynda VAR-yň görkezmesi boýunça bellenen penaltini dürs ýerine ýetiren Lionel Messi hasaby açdy. Ýöne şondan soň argentinlere guramaçylykly hüjüm guramak başartmady. Goragda, wagtal-wagtal hem hüjümde has täsirli çykyş eden araplar diýseň erjel oýun görkezdi. Esasan hem ofsaýt taktikasyny gyşarnyksyz berjaý eden araplaryň derwezesinden geçirilen 3 gol oýundan daşardaky ýagdaý sebäpli hasaba alynmady. Oýnuň 1-nji ýarymy 1–0 hasabynda tamamlandy. 2-nji ýaryma erjel girişen araplar gol bilen başladylar. 48-nji minutda Messiniň aldyran topundan soň Al Şehri hasaby deňlemegi başardy. Bu goldan 5 minut soň, has takygy, 53-nji minutda Al Dawsari 2–3 argentinaly oýunçyny aldap, owadan urgy bilen araplary öňe saýlady. Bu oýundaky soňky gol boldy. Duşuşygyň galan pursatlarynda argentinler hasaby deňlejek bolup näçe göreşselerem, berk goranmagy başaran Saud Arabystanynyň ýygyndysy hasabyň üýtgemegine ygtyýar bermedi. Netijede, duşuşyk 2-1 hasabynda Saud Arabystanynyň ýeňşi bilen tamamlandy. Mundan öňki 4 oýunda ýeke gezek ýeňilip bilmedik araplar 5-nji duşuşygynda ilkinji sapar Argentinany utup, goňşusy Katardaky çempionata uly «sýurpriz» bilen başladylar. 36 oýundan bäri ýeňilmän gelýän Argentinanyň ýygyndysy 37-nji duşuşygynda utulyp, Italiýanyň rekordyna şärik bolmak mümkinçiligini elden giderdi.

Duşuşyga 4 futbolçysy 34 ýaşdan ýokary bolan oýunçylar bilen başlan Argentina Dünýä Kubogynyň taryhynda şeýle hasabat görkezen ilkinji ýygyndy boldy. Şeýle-de, Lionel Messi 4 Dünýä Kubogynda tapawutlanan ilkinji argentinaly futbolçy bolup, ol umumylykda braziliýaly Pele, germaniýaly Zeeler hem-de Kloze, portugaliýaly Kristiano Ronaldo dagynyň hataryna goşuldy.s

Bu ýeňişden soň Saud Arabystanynda duşuşygyň ertesi (çarşenbe) resmi taýdan dynç güni diýlip yglan edildi. Futbolçylaryň hersine-de 2,5 million ýewrolyk pul sylagy berildi.

Toparçadaky beýleki duşuşykda — Meksika bilen Polşanyň arasyndaky oýunda hasap açylmady. Oýnuň 56-njy minutynda polşaly Robert Lewandowski Dünýä Kubogy ýaryşlaryndaky ilkinji golunу geçirmäge golaýlady. Ýöne onuň ýerine ýetiren penalti urgusyny derwezeçi Oçoa saklamagy başardy.

### ŽIRUNYŇ REKORDLARY WE FRANSIÝANYŇ YNAMLY ÝEŇŞI

● «D» toparçada soňky çempion Fransiýanyň ýygyndysy özüniň ilkinji duşuşygynda Awstraliýany 4-1 hasabynda ýeňlişe sezewar edip, çempionata galan ýerinden dowam etdi. Çekeleşikli geçen oýunda Awstraliýanyň ýygyndysy 9-njy minutda Gudwiniň goly bilen 1-0 öňe saýlandy. Fransuzlar bu gola 27-nji minutda Adrien Rabionyň goly bilen jogap berdi. 32-nji minutda-da Oliwie Žiru Fransiýany öňe çykardy. 2-nji ýarymda-da Mbappe (68) we Žirunyň (71) tapawutlanmagynda 2 gol geçiren Fransiýanyň ýygyndysy ynamly ýeňiş gazandy. Duşuşykda 2 gezek tapawutlanan Oliwie Žiru milli topardaky 50-51-nji gollaryny geçirip, bu ugurda Tierri Anriniň rekordyna şärik boldy. Şeýle-de, ol 36 ýaş 53 gün bilen Dünýä Kubogynda gol geçiren iň ýaşuly fransuz futbolçysy rekordyny Zinedin Zidandan (34 ýaş 16 gün) almagy başardy. Toparçadaky beýleki oýunda – Daniýa bilen Tunisiň arasyndaky duşuşykda hasap açylmady.

### GARAŞYLMADYK NETIJE – 2

● «E» toparçada Dünýä futbolynyň ägirtlerinden, 4 gezek Dünýäniň çempiony Germaniýanyň ýygyndysy Ýaponiýadan 2–1 asgyn gelip, hemmäni geň galdyrdy. Duşuşykda Germaniýanyň ýygyndysy 33-nji minutda penaltiden Ilkaý Gündoganyň goly bilen 1–0 öňe saýlandy. Ýöne 2-nji ýarymda Ýaponiýa başgaça oýun görkezdi. Depginini gowşadan nemesler bolsa olaryň erjel oýunlaryna jogap berip bilmedi. Duşuşygyň 75-nji minutynda Germaniýanyň «Fraýburg» klubunda çykyş edýän Ritsu Doan hasaby deňlemegi başardy. Bu goldan 8 minut soň, has takygy, 83-nji minutda Germaniýanyň başga bir kluby «Bohumda» oýnaýan Takuma Asano sag gyradan geçirilen hüjümde topy batly urup, Noýeriň goranýan burçundan topy derweze girizdi. Galan minutlarda-da nemeslere hasaby deňlemek başartmady. Ýaponiýa bilen 3-nji gezek duşuşan Germaniýa garşydaşyny ýene bir ýola ýeňip bilmedi.

### ISPANIÝA GOL BARYNY ÝAGDYRDY

● Toparçadaky beýleki duşuşykda Ispaniýanyň ýygyndysy Kosta Rikanyň derwezesinden gol baryny ýagdyrdy (7–0). 1-nji ýarymda 3 gol geçiren Ispaniýanyň adyndan duşuşykda Olmo (11), Asensio (21), F. Torres (31 p, 54), Gawi (74), Soler (90) hem-de Morata (90+2) tapawutlandy. Ispaniýanyň ýygyndysy 1934-nji ýyldan soň Dünýä Kubogynda 1-nji ýarymda 3 gol geçirdi. 74-nji minutda tapawutlanan Gawi (18 ýaş 110 gün) Dünýä Kubogynyň taryhynda Pele (1958; 17 ýaş 239 gün) we Manuel Rosasdan (1930; 18 ýaş 93 gün) soň Dünýä Kubogynda gol geçiren iň ýaş 3-nji futbolçy boldy.

### KANADA OÝNADY, BELGIÝA ÝEŇDI

● «F» toparçada Marokko bilen Horwatiýanyň arasyndaky oýundan gol sesi eşidilmedi. Duşuşykda çykyş eden Luka Modriç 3 sany 10 ýyllykda Ýewropa çempionatynda hem-de Dünýä Kubogynda oýnan ilkinji futbolçy hökmünde hasaba alyndy.

Toparçadaky beýleki duşuşykda Kanadanyň ýygyndysy erjel oýun görkezen hem bolsa Belgiýadan 1–0 asgyn geldi. 36 ýyldan soň Dünýä Kubogyna gatnaşan Kanadanyň derwezesinden ýeke-täk goly 44-nji minutda Mişi Batşuaýi geçirdi. Oýnuň 10-njy minutynda Kanadanyň ýyldyzy Alfonso Dewies penaltini dürs urup bilmedi.









**KATAR – EKWADOR** **0-2**
Katar 2022 – 20.11.2022 - «A» TOPARÇA

- **GOLLAR:** Enner Walensiýa 16 p, 31
- **SARY KARTLAR:** Al-Şib, Budiaf, Ali, Afif - Mendes, Kaisedo
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Enner Walensiýa (Ekwador)
- **KATAR (5–3–2):** Al-Şib – Al-Rawi, Huhi, A. Hassan, Ro-Ro, H. Ahmed – Al-Haýdos (k) (M. Muntari 72), Budiaf, Hatem – Almoez Ali (M. Waad 72), A. Afif; **Tälimçi:** Feliks Sançes
- **EKWADOR (4–4–2):** Galindes – Presiado, Torres, Hinkapie, Estupinian – Plata, Mendes, Kaisedo (A. Franko 90), Ibarra (Sarmiento 68) – E. Walensiýa (k) (Sifuentes 77), Estrada (K. Rodriges 90); **Tälimçi:** Gustawo Alfaro
- **EMIN:** Daniele Orsato (Italiýa)
- **STADION:** «Al Baýt» - Al Hor
- **TOMAŞAÇY:** 67 372




**SENEGAL – NIDERLANDLAR** **0-2**
Katar 2022 – 21.11.2022 - «A» TOPARÇA

- **GOLLAR:** Gakpo 84, Klaassen 90+9
- **SARY KARTLAR:** N. Mendi, I. Geýe – De Ligt
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Kodi Gakpo (Niderlandlar)
- **SENEGAL (4–2–3–1):** E. Mendi – Sabali, Kolibali (k), P. Sisse, Diallo (Ýakobs 62) – N. Mendi, I. Geýe – Kuýate (P. Geýe 73), Diatta (Jekson 73), Sarr – B. Dia (B. Dieng 69); **Tälimçi:** Aliu Sisse
- **NIDERLANDLAR (3–4–1–2):** Noppert – De Ligt, Wan Deýk (k), Ake – Dumfris, Blind, Berguis (Koopmeiners 79), F. De Ýong – Gakpo (De Roon 90+4) – Ýanssen (Depaý 62), Bergwiýn (Klaassen 79); **Tälimçi:** Lui Wan Gaal
- **EMIN:** Wilton Sampaio (Braziliýa)
- **STADION:** «Al Thumama» - Doha
- **TOMAŞAÇY:** 41 721

**ANGLIÝA – EÝRAN** **6-2**
Katar 2022 – 21.11.2022 - «B» TOPARÇA

- **GOLLAR:** Bellingam 35, Saka 43, 62, Sterling 45+1, Reşford 71, Griliş 90 – Taremi 65, 90+13 p
- **SARY KARTLAR:** Jahanbahş, Puraliganji
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Bukaýo Saka (Angliýa)
- **ANGLIÝA (4–2–3–1):** Pikford – Trippier, Stounz, Maguaýr (Erik Daýer 70), Lýuk Şow – Bellingam, Raýs – Saka (Reşford 70), Maunt (Griliş 70), Sterling (Foden 70) – Keýn (Wilson 75); **Tälimçi:** Garet Sautgeýt
- **EÝRAN (5–4–1):** Beiranwand (Hosseini 20) – Puraliganji, Moharremi, Çeşmi (Kanaanizadegan 46), M. Hosseini, Mohammadi (Torabi 63) – Jahanbahş (Ezatolahi 46), Nurollahi (Azmun 77), Karimi (Golizadeh 46), Hajsafi (k) – Taremi; **Tälimçi:** Karloş Keýruş
- **EMIN:** Rafael Klaus (Braziliýa)
- **STADION:** «Khalifa International» – Al Raýýan
- **TOMAŞAÇY:** 45 334




**ABŞ – UELS** **1-1**
Katar 2022 – 21.11.2022 - «B» TOPARÇA

- **GOLLAR:** Timoti Wea 36 – Garet Beýl 82 p
- **SARY KARTLAR:** Dest, Rim, MakKenni, Akosta – Mefam, Beýl
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Garet Beýl (Uels)
- **ABŞ (4–3–3):** Törner – Dest (Ýedlin 74), Zimmerman, Rim, Robinson, Musah (Akosta 74) – Adams (k), MakKenni (Aaronson 66) – Wea (Morris 88), Saržent (Raýt 74), Pulişiç; **Tälimçi:** Gregg Berhalter
- **UELS (3–5–2):** Hennessi – Mefam, Rodon, Dewis – Aaron Remzi, Ampadu (Morrell 90+5), Wilson (Tomas 90+3), Roberts, Niko Williams (Jonson 79) – Garet Beýl (k), Daniel Jeýms (Mur 46); **Tälimçi:** Rob Peýj
- **EMIN:** Abdulrahman Al-Jassim (Katar)
- **STADION:** «Ahmad bin Ali» – Al Raýýan
- **TOMAŞAÇY:** 43 418

**ARGENTINA – S. ARABYSTANY** **1-2**
Katar 2022 – 22.11.2022 - «C» TOPARÇA

- **GOLLAR:** Messi 10 p – Al-Şehri 48, Al-Dawsari 53
- **SARY KARTLAR:** Al-Owais, Abdulhamit, Al-Bulaihi, Al-Malki, Al-Dawsari, Al-Abed
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Mohammed Al-Owais (S. Arabystany)
- **ARGENTINA (4–4–2):** E. Martines – Molina, Romero (Lis. Martines 59), Otamendi, Taliafiko (Akunýa 71) - De Paul, Paredes (E. Fernandes 59), Di Mariýa, P. Gomes (Alwares 59) – L. Messi (k), Lau. Martines; **Tälimçi:** Luis Skaloni
- **SAUD ARABYSTANY (4–1–4–1):** Al-Owais – Abdulhamid, Al-Tambakti, Al-Bulaihi, Al-Şahrani (Al-Breik 90+9) - Al-Malki - Kanno, Al-Dawsari, Al-Faraj (k) (Al-Abed 45+4, Al-Amiri 89), Al-Buraikan (Asiri) - Al-Şehri (Al-Gannam 78); **Tälimçi:** Herw Renar
- **EMIN:** Slawko Winçiç (Sloweniýa)
- **STADION:** «Lusail Iconic» – Lusail
- **TOMAŞAÇY:** 88 012




**MEKSIKA – POLŞA** **0-0**
Katar 2022 – 22.11.2022 - «C» TOPARÇA

- **SARY KARTLAR:** Sançes, Moreno – Frankowski
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Gillermo Oçoa (Meksika)
- **MEKSIKA (4–3–3):** Oçoa (k) – Sançes, Montes, H. Moreno, Galýardo – E. Alwares, H. Herrera (K. Rodriges 71), L. Çawes – H. Lozano, H. Martin (R. Himenes 71), A. Wega (Antuna 84); **Tälimçi:** Herardo Martino
- **POLŞA (3–5–2):** Şensnyý – Berezinski, Kamil Glik, Kiwior – Antoni Keş, Şimanski (Frankowski 71), Kryhowiak, Kaminski, Zalewski (Bielik 46) – Zielinski (Milik 87), Lewandowski (k); **Tälimçi:** Çeslaw Mihnewiç
- **EMIN:** Kris Bit (Awstraliýa)
- **STADION:** «Stadium 974» – Doha
- **TOMAŞAÇY:** 39 369

**FRANSIÝA – AWSTRALIÝA** **4-1**
Katar 2022 – 22.11.2022 - «D» TOPARÇA

- **GOLLAR:** Adrien Rabio 27, Oliwie Žiru 32, 71, Kilian Mbappe 68 – Kreýg Gudwin 9
- **SARY KARTLAR:** Muý, Irwin, Dýuk (Awstraliýa)
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Oliwie Žiru (Fransiýa)
- **FRANSIÝA (4-2-3-1):** : Lloris (k) – Pawar (Kunde 89), Apamekano, Konate, L. Hernandes (T. Hernandes 13) – Rabio, Tçuameni (Fofana 77) – Dembele (Koman 77), Grizmann, Mbappe - Žiru (Turam 89); **Tälimçi:** Didie Deşam
- **AWSTRALIÝA (4–1–4–1):** Raýan (k) – Atkinson (Degenek 85), Souttar, Rowles, Behiç – Muý, Gudwin (Mabil 73), MakGi (Kuol 73), Irwin (Bakkus 85), Leki – Duke (Kammings 56); **Tälimçi:** Grem Arnold
- **EMIN:** Wiktor Gomes (Günorta Afrika)
- **STADION:** «Al Janoub» – Al Wakra
- **TOMAŞAÇY:** 40 875




**DANIÝA – TUNIS** **0-0**
Katar 2022 – 22.11.2022 - «D» TOPARÇA

- **SARY KARTLAR:** R. Kristensen, Ýensen - Henissi
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Aissa Laiduni (Tunis)
- **DANIÝA (3-5-2):** Şmeýhel – Andersen, Kier (k) (M. Ýensen 65), A. Kristensen – Delani (Damsgor 45+1), Hýoýberg, Eriksen, R. Kristensen, Mele – Skow Olsen (A. Kornelius 65), Dolberg (Ý. Lindström 65); **Tälimçi:** Kasper Hýulmann
- **TUNIS (3-4-3):** : Dahmen – Talbi, Bronn, Meriah – Drager (Keçrida 88), Laiduni (Sassi 88), Shiri, Abdi – Slimane (Sliti 67), Jebail (Henissi 80), Msakni (k) (Mejbri 80); **Tälimçi:** Jalel Kadri
- **EMIN:** Sezar Arturo Ramos (Meksika)
- **STADION:** «Education City» – Al Raýýan
- **TOMAŞAÇY:** 42 925

**GERMANIÝA – ÝAPONIÝA** **1-2**
Katar 2022 – 23.11.2022 - «E» TOPARÇA

- **GOLLAR:** Gündogan 33 p - Doan 75, Asano 83
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Şuiçi Gonda (Ýaponiýa)
- **GERMANIÝA (4–2–3–1):** Noýer (k) – Süle, Rudiger, Şlotterbek, Raum – Kimmih, Gündogan (Goreska 67) – Serž Gnabri (Mukoko 90), Tomas Müller (Hofmann 67), J. Musiala (M. Gýotse 79) – K. Hawerts (Füllkrug 79); **Tälimçi:** Hansi Flik
- **ÝAPONIÝA (4–2–3–1):** Gonda – Sakai (Minamino 75), Itakura, M. Ýoşida (k), Nagatomo (Mitomo 57) – Endo, Tanaka (Doan 71) – Ito, Kamada, Kubo (Tomiýasu 46) – Maeda (Asano 57); **Tälimçi:** Hažime Moriýasu
- **EMIN:** Iwan Barton (Salwador)
- **STADION:** «Khalifa International» – Al Raýýan
- **TOMAŞAÇY:** 42 608




**ISPANIÝA – KOSTA RIKA** **7-0**
Katar 2022 – 22.11.2022 - «E» TOPARÇA

- **GOLLAR:** Olmo 11, Asensio 21, F. Torres 31 p, 54, Gawi 74, Soler 90, Morata 90+2
- **SARY KARTLAR:** Kalwo, Kampbell (Kosta Rika)
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Gawi (Ispaniýa)
- **ISPANIÝA (4–3–3):** Unai Simon – Aspilikueta, Rodri, Laport, Ýordi Alba (Balde 64) – Serhio Buskets (k) (Koke 64), Gawi, Pedri (Karlos Soler 57) – Ferran Torres (Alwaro Morata 57), Asensio (Niko Williams 69), Dani Olmo; **Tälimçi:** Luis Enrike
- **KOSTA RIKA (4-4-2):** Nawas (k) – K. Martines (Waston 46), Duarte, Kalwo, Owiedo (Matarrita 82) – Fuller, Borges (Agilera 72), Teheda, Bennette (Zamora 61) – Kampbell, Kontreras (B. Ruiz 61); **Tälimçi:** Luis Fernando Suares
- **EMIN:** Mohammed Abdulla Hassan Mohamed (BAE)
- **STADION:** «Al Thumama» – Doha
- **TOMAŞAÇY:** 40 013

**MAROKKO – HORWATIÝA** **0-0**
Katar 2022 – 23.11.2022 - «F» TOPARÇA

- **SARY KARTLAR:** Amrabat (Marokko)
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Luka Modriç (Horwatiýa)
- **MAROKKO (4–3–3):** Bunu – Hakimi, Aguerd, Saiss (k), Mazruai (Attiýat Allah 60) – Sofýan Amrabat, Unahi (Sabiri 81), Selim Amallah – Hakim Ziýeş, En-Nesiri (Hamdallah 81), Bufal (Ezzalzuli 65); **Tälimçi:** Walid Regragui
- **HORWATIÝA (4–3–3):** Liwakowiç – Ýuranowiç, Lowren, Gwardiol, Sosa – Brozowiç, Modriç (k), Kowaçiç (Maýer 79) – Wlaşiç (Paşaliç 46), Kramariç (Liwaýa 71), Perişiç (Orşiç 90); **Tälimçi:** Zlatko Daliç
- **EMIN:** Fernando Rapallini (Argentina)
- **STADION:** «Al Baýt» – Al Hor
- **TOMAŞAÇY:** 59 047




**BELGIÝA – KANADA** **1-0**
Katar 2022 – 23.11.2022 - «F» TOPARÇA

- **GOLLAR:** Mişi Batşuaýi 44
- **SARY KARTLAR:** Karrasko, Onana, Mýonýe – Jonston, Dewies
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Kewin de Bruýne (Belgiýa)
- **BELGIÝA (4–3–3):** Tibo Kurtua – Dendonker, Wertongen, Alderweireld – Kastanýe, Tilemans (Onana 46), Witsel, Karrasko (Mýonýe 46) – De Bruýne, E. Hazar (k) (Trossar 62), Batşuaýi (Openda 72): **Tälimçi:** Roberto Martines
- **KANADA (3–4–3):** Borýan – Jonston, Witoria, Miller – Larýea (Adekugbe 74), Hatçinson (k) (Kone 58), Estakui (Millar 81), Alfonso Dewies – Bukanan (Osorio 81), Hoilett (Larin 58), J. Dewid; **Tälimçi:** Jon Herdman
- **EMIN:** Janni Sikazwe (Zambiýa)
- **STADION:** «Ahmad bin Ali» – Al Raýýan
- **TOMAŞAÇY:** 40 432



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# Türkmenistanyň Ýokary ligasy

Futbol boýunça Türkmenistanyň Ýokary ligasynda 21-nji tapgyrda sanawyň lideri «Ahal» myhmançylykda «Aşgabat» topary bilen duşuşdy. Duşuşykda 3 utugy 3 gol bilen gazanan «Ahalyň» adyndan Meýlis Diniýew, Didar Durdyýew hem-de Mirza Beknazarow tapawutlandy. «Ahaldan» 12 utuk yzda barýan «Altyn asyr» topary myhmançylykda «Nebitçi» bilen duşuşyp, ýer eýelerine tehniki ýeňliş berildi. Bu ýeňişden soň «Altyn asyr» topary utugyny 45-e ýetirdi. 3-nji ýer ugrunda göreşýän iki klubuň duşuşygynda «Merw» öz meýdançasynda «Şagadamdan» 1-0 üstün çykdy. «Merw» toparyna ýeňiş getiren ýeke-täk goly 42-nji minutda penaltiden Alibek Abdyrahmanow geçirdi. Paýtagtda oýnalan oýunda «Köpetdag» topary «Energetik» toparyny 2-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Çekeleşikli geçen oýunda «Köpetdagyň» gollaryny 8-nji minutda Ýazgylyç Gurbanow bilen 16-njy minutda Begenç Akmämmedow derwezä girizdi. 22-nji tapgyryň duşuşyklary 25-nji hem-de 26-njy noýabrda geçiriler: «Merw»—«Köpetdag», «Energetik»—«Altyn asyr», «Nebitçi»—«Ahal», «Aşgabat»—«Şagadam».

TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY

| Or. | | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | «AHAL» | 21 | 18 | 3 | 0 | 69–13 | 57 |
| 2 | | «ALTYN ASYR» | 21 | 13 | 7 | 1 | 35–11 | 45 |
| 3 | | «MERW» | 21 | 10 | 3 | 8 | 29–27 | 33 |
| 4 | | «KÖPETDAG» | 21 | 10 | 1 | 10 | 34–33 | 31 |
| 5 | | «ŞAGADAM» | 21 | 8 | 4 | 9 | 33–31 | 28 |
| 6 | | «AŞGABAT» | 21 | 6 | 2 | 13 | 23–33 | 20 |
| 7 | | «ENERGETIK» | 21 | 4 | 3 | 14 | 14–45 | 15 |
| 8 | | «NEBITÇI» | 21 | 3 | 1 | 17 | 25–69 | 10 |



# Geçen ýylky final gaýtalanar



Futbol boýunça Türkmenistanyň Kubogy ýaryşynda finala çykan toparlar belli boldy. Ýarym finalyň jogap oýunlarynyň ikisi hem deňlikde tamamlandy. Çekeleşikli geçen «Aşgabat»—«Şagadam» duşuşygynda paýtagtlylar 2–0 öňe saýlanyp, tasdan hem 1-nji oýundaky netijäni gaýtalapdylar. «Aşgabat» toparyny 2-0 öňe çykaran gollary Merdan Muhadow bilen Pirmyrat Sultanow geçirdi. Ýöne 2-nji goldan soň tijenen «Şagadam» hasaby deňlemegi başardy. 68-nji minutda Roman Galkiniň, 79-njy minutda-da Kerim Hojaberdiýewiň gollary bilen hasaby deňlän «Şagadam» umumy hasapda 5-2 öňe saýlanyp, finala çykmagy başardy. Oýnuň 90+3-nji minutynda «Şagadamdan» Ýunus Orazmämmedow penaltiden ýerlikli peýdalanyp bilmedi. Kubogyň geçen ýylky ýeňijisi «Şagadam» 6-njy gezek finalda çykyş eder.

«Şagadamyň» finaldaky garşydaşy «Ahal» topary bolup, olar ýarym finalda «Altyn asyrdan» 2 oýnuň netijesi boýunça üstün çykmagy başardy. 1-nji oýunda 2–1 ýeňiş gazanan «Ahal» jogap duşuşygynda-da hasabyň açylmagyna ygtyýar bermedi. Oýnuň 90+7-nji minutynda «Altyn asyrdan» Altymyrat Annadurdyýew penaltini dürs urup bilmedi we netijede duşuşyk 0–0 hasabynda deňlikde tamamlanyp, «Ahal» topary hem edil «Şagadam» ýaly bassyr 2-nji, umumylykda-da 6-njy gezek finala çykdy.

«Şagadam» bilen «Ahalyň» arasyndaky final duşuşygy 11-nji dekabrda oýnalar.

# Kristiano Ronaldo mundan soň «Mançester Ýunaýtediň» oýunçysy däl

Super ýyldyz Kristiano Ronaldo dünýä futbolynyň üns merkezinde galmagyny dowam edýär. Ol Katar 2022 Dünýä Kubogynyň başlamagyna az wagt galanda, «The Sun» gazetine beren beýanaty bilen ýene bir ýola ähli kişiniň ünsüni özüne jemläpdi. Ol şol beýanatynda kluby, tälimçisi, klubuň ýolbaşçylary hakynda käbir beýanatlar beripdi. Şondan soň kluby bilen arasyndaky tow hasam güýçlendi. Netijede-de, garaşylýan waka boldy. Ýagny dünýäniň super ýyldyzy Kristiano Ronaldo mundan soň «Mançester Ýunaýtediň» futbolçysy däl. Bu barada klub tarapyndan berlen beýanatda «Mançester Ýunaýted» bilen Kristiano Ronaldonyň arasyndaky şertnamanyň iki tarapyň razylygy boýunça ýatyrylandygy mälim edildi. Beýanatda



futbolça mundan soňky durmuşynda uly üstünlikler arzuw edilip, oýunçynyň «Ýunaýtedde» umumylykda 346 oýunda 145 gol geçirendigi bellenildi. Beýanatyň ahyrynda-da «Ýunaýteddäki» ähli kişiniň tälimçi Erik Ten Hagyň ýolbaşçylygynda klubuň şowly netijeler gazanmagy üçin bilelikde öňe ymtylýandygy aýratyn nygtaldy.

Bu aýralykdan soň Ronaldo: «Täze başdan geçirmelere gadam basmagyň dogry wagty. Mançester Ýunaýtedi we janköýerleri gowy görýärin. Bu hemişe-de şeýle bolar. Klub bilen geçirilen gepleşiklerden soň iki tarapyň hem islegi boýunça şertnamamyzy ýatyrdyk. Kluba gelejekde-de uly üstünlikler arzuw edýärin» diýip, beýanat bilen çykyş etdi.

Super ýyldyzyň mundan soň haýsy klub bilen şertnama baglaşjakdygy hemmäni içgin gyzyklandyrýar.

# F1-de MÖWSÜM TAMAMLANDY

Formula 1 boýunça möwsüm tamamlanyp, ýylyň jemleýji ýaryşy BAE-niň paýtagty Abu Dabide geçirildi. Möwsümiň 22-nji bäsleşigi bolan Abu Dabi «Gran Prisinde» çempionlygyny bireýýäm yglan eden «Red Bulluň» niderland sürüjisi Maks Werstappen ýeňiş gazandy. Ol «Ýas Marina» trassasynda geçirilen ýaryşda 58 aýlawy 1 sagat 28 minut 45,914 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 15-nji, karýerasyndaky 35-nji ýeňşini baýram etdi. Şunlukda, Werstappen bir möwsümde iň köp ýeňiş gazanmakda özüne degişli rekordy ösdürmegi başardy.



### 15 ÝYLDAN SOŇ ILKINJI GEZEK ÝEŇIŞ GAZANYP BILMEDI

Werstappenden 8,7 sekunt yza galan «Ferrariniň» monakoly piloty Şarl Lekler 2-nji ýeri eýeledi. Ýeňijiden 10,1 sekunt soň pellehana gelen meksikaly topardaşy Serhio Peres 3-nji orna mynasyp boldy. «Ferrariden» Karlos Saýns Junioryň 4-nji bolan ýaryşynda «Mercedes» toparynyň britaniýaly sürüjisi Lýuwis Hamilton ulagynda emele gelen näsazlyk sebäpli ýaryşy tamamlap bilmedi. Şeýlelikde, F1-iň 7 gezek çempiony bolan Hamiltona 15 ýyldan bäri dowam etdirip gelýän her möwsümde azyndan 1 ýaryşda ýeňiş gazanmak hasabatyny bu möwsümde ýöretmek başartmady. Tejribeli sürüji şu möwsümde bir ýaryşda-da ýeňiş gazanyp bilmedi.

### WETTEL KARÝERASYNY TAMAMLADY



Şeýle-de, 2007-nji ýyldan bäri F1-de çykyş edip gelýän germaniýaly Sebastian Wettel («Aston Martin») karýerasyndaky soňky bäsleşigini 10-njy orunda tamamlady. 35 ýaşyndaky sürüji karýerasy boýunça «BMW Sauber», «Toro Rosso», «Red Bull», «Ferrari» toparlaryna wekilçilik etdi. Ol 2010–2013-nji ýyllarda «Red Bull» bilen yzly-yzyna 4 çempionlyk gazanypdy. Ýeňiş münberine 122 gezek çykan Wettel karýerasy boýunça 53 ýaryşda 1-nji ýeri eýeledi. Ol Lýuwis Hamiltondan (103) we rowaýaty pilot Mihael Şumaherden (91) soň F1-de iň köp ýeňiş gazanan 3-nji sürüjidir. Şol bir wagtyň özünde-de Wettel F1-de iň köp çempion bolan 4-nji sürüji bolup, ondan öňde Hamilton (7) Şumaher (7) hem-de Huan Anhel Fanjio (5) bar.

F1-de 2022-nji ýylyň ýaryşlary tamamlanyp, sürüjileriň sanawynda çempion Maks Werstappen möwsümi 454 utuk bilen jemledi. 2-nji ýer ugrunda ýiti göreş bolup, soňky ýaryşda 3 utuk öňe saýlanan Şarl Lekler 2-nji (308), Serhio Peres (305) 3-nji orny eýeledi. Jorj Rasselliň 4-nji (275) bolan sanawynda Karlos Saýns Junior 5-nji (246) ýere mynasyp boldy. Şu möwsümde Werstappen 15, Lekler 3, Peres 2, Rassell 1 hem-de Karlos Saýns Junior 1 ýaryşda ýeňiş gazandy.

Konstruktorlaryň (toparlaryň) sanawynda «Red Bull» topary 759 utuk bilen «Mercedesiň» yzly-yzyna 8 ýyllyk çempionlygyny soňlandyryp, 5-nji çempionlygyny gazandy. 14 ýyldan bäri çempionlyk gazanyp bilmeýän «Ferrari» 554 utuk toplap, 2-nji ýeri eýeledi. 515 utuk toplan soňky 8 ýylyň çempiony «Mercedes» 3-nji ýer bilen kanagatlanmaly boldy.

# Norwegiýanyň 9-njy çempionlygy



Gandbol boýunça zenanlaryň arasynda Sloweniýa, Garadag hem-de Demirgazyk Makedoniýada geçirilen 15-nji Ýewropa çempionatynda Norwegiýanyň ýygyndysy ýeňiş gazandy. Olar Sloweniýanyň paýtagty Lýublýanada oýnalan finalda Daniýany 27:25 hasap bilen ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda Norwegiýanyň ýyldyz oýunçysy Mork 8 gol geçirip, toparynyň ýeňiş gazanmagyna uly goşant goşdy. Daniýanyň düzüminde Burgoryň geçiren 6 goly ýeňşe ýeterlik bolmady. Şeýlelikde, Norwegiýanyň zenanlar ýygyndysy bassyr 2-nji, umumylykda-da 15-nji gezek geçirilen çempionatyň 9-synda çempion bolmagy başardy (1998, 2004, 2006, 2008, 2010, 2014, 2016, 2020, 2022). 3 çempionlygy bilen Norwegiýadan soň 2-nji ýerde barýan Daniýanyň ýygyndysy 3-nji gezek finalda asgyn geldi. Olar mundan öňem 2 gezek Norwegiýadan utulypdylar.

Bürünç medal ugrundaky duşuşykda 2012-nji ýylyň çempiony Garadag 2018-nji ýylyň çempiony Fransiýany goşmaça wagtda 27:25 ýeňip, ilkinji gezek 3-nji orna mynasyp boldy.

Çempion toparyň ýyldyzy Henni Reistad ýaryşyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy. Bäsleşikde 50 gol geçiren Nora Mork (Norwegiýa) ýaryşyň iň netijeli oýunçysy boldy.

Çempionat 2024-nji ýylda Awstriýa, Şweýsariýa hem-de Wengriýada geçiriler.



# JOKOWIÇ MÖWSÜMI JEMLEDI

Tennis boýunça erkekleriň arasyndaky möwsümiň jemleýji ýaryşy «ATP Finals»-da serbiýaly Nowak Jokowiç çempion boldy. Italiýanyň Turin şäherinde geçirilen ýaryşyň finalynda Jokowiç bilen norwegiýaly Kasper Ruud duşuşdy. Duşuşygyň 1-nji setinde 7:5, 2-nji setinde-de 6:3 hasabynda ýeňiş gazanan Jokowiç bu ýaryşdaky 6-njy çempionlygyny gazandy. Mundan öň 2008-nji, 2012-nji, 2013-nji, 2014-nji hem-de 2015-nji ýyllarda-da çempion bolup, ol bu ugurda Rojer Federeriň rekordyna şärik boldy. Şeýle-de, Jokowiç ähli duşuşykda ýeňiş gazanyp, mümkin bolan iň ýokary pul baýragy – 4 million 740 müň 300 dollar bilen sylaglandy. 35 ýaşyndaky tennisçi bu ýaryşda çempionlyk gazanan iň ýaşuly tennisçi hökmünde hasaba alyndy. 53-nji gezek geçirilen «ATP Finals» ýaryşy onuň şu möwsümde çempionlyk gazanan 5-nji bäsleşigi boldy. Bu onuň karýerasyndaky 91-nji ATP kubogydyr.







